GURBANGULY
BERDIMUHAMEDOW

AŞGABAT

Giriş

Göýä ak gül dessesi, ak şäherim – Aşgabat

Mähriban okyjy!

Halkymyzyň akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň:

Eşit adam, dogan ilden
Gaýry mähriban ýurt bolmaz

– diýen setirleri Watanyň her bir adam üçin dünýädäki ähli ýerden eziz hasap edilýändigini aňladýan mukam bolup ýüregimize ornady. Watanymyzyň tebigatynyň her bir ülşünde ynsanyň aňyna serginlik, janyna aram, köňlüne gurbat berýän gözellik jemlenilýär. Ony bolsa, dilde beýan etmegem kyn bolýar. Şonuň üçinem durmuşyň ruhuňy galkyndyrýan, göwnüňi göterýän pursatlary ýürege ýazylýar. Ynsanyň ýüregi onuň dünýä gatnaşygyndaky täsirleriň ählisini özünde jemleýär. Mähriban Watanymyza bolan söýgimiz ýürekde orun alan iň näzik, iň owadan, iň täsin duýgulardandyr. Şol ýakymly duýgularyň gymmaty bolsa, paýhas bilen ölçärden hem has agramlydyr. Şonuň üçindir, adam islendik pursatda özüniň aňydyr pähiminiň esasynda, durmuşa gatnaşygynyň manysyny baýlaşdyrmak üçin amala aşyrýan her bir hereketi ýürekden edýär. Ýürek bilen başyna barlan iş, yhlas bilen bitýär, netijelilik gazanyp bolýar. Ýürekden çykan söz ýürege barýar. Ýürek adamyň ruhy ýagdaýyna we beden sagdynlygyna baha bermekde iň esasy synasydyr.

Garaşsyz, Baky Bitarap Türkmenistanyň paýtagty Aşgabat şäheri bolsa, mähriban okyjy, Watanymyzyň ýüregi! Watanymyzyň dünýä jemgyýetçiligindäki ornuny, at-abraýyny görkezýän esasy merkez. Aşgabat dünýäniň ykdysady taýdan ösen, medeni taýdan ýokary derejeli, iň gözel şäherleriniň biri.

Ýurdumyzyň şäherleriniň her biriniň özboluşly gözelligi bar. Paýtagtymyz Aşgabat bolsa, şolardaky gözellikleriň baryny özünde jemleýän şäher.

Onda tebigatyň täsinlikleri hem-de adam eli bilen döredilen ajaýyplyklar özboluşly sazlaşyga giryär. Aşgabadyň keşbinde diňe bir tebigatyň dürli gözellikleri däl, eýsem, döwürler hem bir sazlaşyga giryärler.

Aşgabat taryhyň jemlenen ýeri. Mysal üçin, gadymy Parfiýanyň şöhratly taryhy hakykatyny okamaga mümkinçilik berýän sahypalar bu şäheriň eteklerine ýazylypdyr. Türkmenleriň şöhratly taryhynyň täze eýýamdaky hakykat sahypalary hem Aşgabatdan başlanýar. Aşgabadyň gül-gülälekli jülgelere ýa-da gür sazakdyr ýylgynlyga bürenip, üç tarapa uzap gidýän eteklerinde tebigy täsinlikler sepleşýär. Şol üýtgeşik tebigy görnüşler şäheriň seýilgählerindäki we dynç alyş meýdançalaryndaky ajaýyplyklaryň döredilmeginiň hem esasy nusgasydyr.

Aşgabada «söýginiň şäheri» hökmünde berilýän häsiýetnama bolsa, onda adamlaryň mähirliligini we birek-birege hoşamaýlygyny, agzybirligini, zähmetsöýerligini, wepadarlygyny wasp edýän örän gyzykly hekaýatlaryň ýazylýandygy üçindir.

Gözel Aşgabadymyzda gurulýan desgalaryň taryhyň we medeniýetiň gymmatlyklaryny jemleýän milli äheňdäki eser bolmagy, baş maksadymyzy aňladýar. Aşgabadyň keşbi – watançylyk söýgüsiniň janly keşbi.

Soňky ýyllarda Aşgabady gurmagyň maksatnamasy tapgyrma-tapgyr amala aşyrylýar. Şonuň esasynda hem gözümiziň alnynda täze, döwrebap şäher döreýär.

Aşgabat taryhyň örän kyn hem-de çylşyrymly pursatlaryny hem başyndan geçirdi. 1948-nji ýylda bolup geçen tebigy betbagtçylyk zerarly şäher sanlyja sekuntda ýer bilen ýegsan boldy. Bu elhenç ýertitremäniň awusyny datmadyk ýekeje maşgala hem galmandyr. Emma muňa garamaz-

Aşgabadym – dür – merjenim

Ähli ýollar Aşgabada alyp gelýär



dan, şäheri täzeden dikeltmeli, täzeden gurmaly boldy. Şol ýyllarda iň ýönekeý ýaşaýyş-durmuş şertlerinden kesilen hem bolsa, aşgabatlylar öz şäherlerini taşlap gitmediler, öz mähriban şäherlerini dikeltmek işine olar ýürekden we göwün islegi bilen goşulyşypdyrlar. Gysga wagtda şäherde ýaşaýyş täzeden janlanypdyr. Iki günüň içinde demiryol we bir aýyň dowamynda senagat önümçiligi ýola goýlupdyr. Aşgabady dikeltmegiň baş meýilnamasy işlenilip düzülipdir. Şol meýilnama laýyklykda şäherde gurluşyk işleri alnyp barlyp, täze görnüşdäki jaýlar gurlupdyr. Gurluşygyň birmeňzeş depgini we binagärlikdäki bir ölçeglilik tä ýigriminji asyryň aýaklaryna çenli alnyp barylýan gurluşyklarda öz güýjüni saklap galypdyr.

Aşgabatlylar hiç bir döwürde hem il-günüň başyna düşen işden çetde bolan däldirler. Olar iliň gynanjyna gynanyp, begenjini paýlaşmagy başarýarlar. Şol sebäpli 1941 – 1945-nji ýyllaryň beýik Watançylyk urşy bilen bagly kynçylyklar hem aşgabatlylardan sowlup geçmedi. Kynçylyklaryň bolsa Aşgabadyň keşbiniň özgermegine belli bir derejede öz täsirini ýetirendigini hem bellemek gerek.

Görnüşi ýaly, Gündogaryň Ýüpek ýolunyň ugrunda ýerleşýän bu şäher gelim-gidimli, ünsüňi özüne çekýän merkez bolup, asyrlaryň gatynda özi baradaky hakykaty ýaşadyp gelýär. Biz onuň taryhyna, şöhratly geçmişine sarpa goýýarys.

Ýurdumyzyň paýtagtynyň günbatar künjeginde baýryň ýüzünde bina edilen ýadygärlikler toplumynyň «Halk hakydasy» diýlip atlandyrylmagy hem onda şäheriň, tutuş ýurdumyzyň şol taryhy pursatlarynyň jemlenendigi üçindir. Biz taryhymyza uly hormat goýýarys. Onda geljek üçin durmuş tälimini alar ýaly, çuňňur many bardyr diýen ynama eýerýäris. Häzirki döwürde ýurdumyzyň paýtagtynda binagärligiň dürli nusgalarynda gu-



rulýan, milli äheňler bilen baýlaşdyrylan ymaratlarda hem çuň manyly tymsalyň beýan edilendiginiň sebäbi hem şondan gaýdýar. Mysal üçin, Oguz hanyň alty oglunyň tagmalary şekillendirilen binada tutuş bir dessanyň mazmuny bar. Ony ýaş nesillerimiz ýatlarlar we geljekki ýaşlara gürrüň bererler. Şeýdibem durmuş dowamatdan dowamata aşar.

Ýurdumyzyň beýik Garaşsyzlygynyň ýyllarynda Aşgabady ösdürmegiň maksatnamasynyň durmuşa geçirilmegine köp möçberde serişde goýberildi. Şäherde ulag-ýol gurluşyk düzümleriniň yzygiderli ösdürilmeginiň netijesinde, Aşgabatda häzirki döwürde halkara dereje-

Olimpiýa şäherçesi: sport, sagdynlyk, gözellik

li gatnawlaryň, şäheriň içinde bolsa, howpsuz hem-de amatly gatnawlaryň ýola goýulmagynda juda köp işler durmuşa geçirildi. Watanymyzyň ýüregi gözel Aşgabadymyz sportuň şäheri, medeniýetiň şäheri, ylmyň şäheri we beýleki häsiýetlendirmelere laýyk derejede ösüp, özüniň binagärlik-gurluşyk düzümini barha özgerdýär. Iň esasy bellenilmeli ýeri hem, biziň Aşgabadymyz adamlaryň rahat we amatly ýaşaýyş şertleri döredilen, bazarlarynda islän harydyňy tapyp bolýan, söwda etmek, medeniýetli dynç almak, syýahat etmek üçinem amatly şäherleriň derejesine laýyk gelýär.

Aşgabat şäheri – döwrebaplygyň nusgasy. Paýtagtymyzda täze gurlup ulanylmaga berilýän binalar «akylly şäher» amatlyklaryna esaslanýar. Paýtagtymyzyň demirgazyk künjeginde täze Aşgabat citi kemala gelýär. Aşgabat şäheriniň günbatar künjeginde bolsa, ÝUNESKO-nyň taryhy we medeni ýadygärlikleriniň sanawyna girizilen Nusaý galalary ýerleşýär. Döwrebap gurulýan paý-



Aýdyň ýollar – ajap ýollar

Sungata öwrülen bedewler

tagtymyzyň bu abraýly guramanyň döredijilik şäherleriniň toruna girizilmegi şäheriň täze derejesini aýan edýär.

Döwletimiziň merkezi şäherini özgerdip gurmak hakyndaky aladalarymyzyň baş maksady şäheriň geljekde dünýäniň ylym-bilim, döredijilik, medeniýet, saglyk, ykdysadyýet, tehnologiýa babatda ezberleriniň kemala gelmegine, iň gerekli we döredijilikli pikirleriň dünýä inmegine gönükdirilendir.

Aşgabadyň 140 ýyllyk taryhy hakynda ýazgylar çeşmelerde saklanypdyr. Köpetdagdan inýän çeşmelerden nem alyp oturan bu toprakda ýaşaýyşyň has irki döwürlerde hem bolandygy welin ikuçsyzdyr. Siziň eliňizdäki kitapda beýan eden söhbetimiz bolsa, esasan, şäheriň şu güni bilen baglanyşykly.

Bu günki gün Aşgabady, aýdylyşy ýaly, görmäge göz, taryplamaga hem söz gerek.

Gözelligiň nusgasy, döwrebap şäher Aşgabat!

Aşgabat, gülle, ös, Watanymyzyň şöhratly taryhynyň şaýady bol!

Çünki sende beýik taryh ýazylýar.

Gijeleriň owadan, gündizleriň nurana

AŞGABAT

OGUZKENT OTELI
Aşgabat
140 ýyl





Aşgabat
140 ýyl

Aýdan aýdyň Aşgabadym

Welosiped – hemmeleriň hemrasy

Aşgabat – bilimleriň mekany

Güýç aldym daglaryňdan

Ak şäher. Ak şäher. Ak gar

Aşgabatda ak arzuwlar amala aşýar

Ýanardagyň ýalkymy

Baýramçylyk we dynç alyş günleri durmuşa aýratyn öwüşgin çaýýan, ýakymly täsirler bilen geçýär. Şonda esasy ýeri, göwnüň isleginiň il bähbidine utgaşykly heňde bolmagydyr, sazlaşyklylykda durmuşa geçirilmegidir. Sport we döredijilik bilen meşgullanmak hem adama täze güýç, ylham we joşgun berýär, ruhuny göterýär. Baýramçylyk günlerini şeýle ýakymly, göwün göteriji ýagdaýda bellemek adatyma eýerip, köplenç, säher bilen Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumyna tarap ýola düşýärin. Şonda howanyň serginligi seriňi tämizleýär, tebigatyň gözelligi has üýtgeşik we täsirli bolup, kalbyňa ornaýar. Behişdi bedewlerimiz bilen didarlaşyp, birsalym olary gezdirýärin. Şondan soň hem döredijilik ylhamyny ganatlandyrýan duýgular seriňi eýeleýär. Sözler, setirler, onsoň hem owazlar heňe gelip başlaýar. Nowruz baýramy gününde hem adat bolşy ýaly, bedewleriň ýanyna bardym. Bu ýerde maňa ady meşhur Akhanyň ilkinji at taýynyň dünýä inendigini buşladylar. Bu şatlykly habar meniň ruhumy has-da göterdi.

Baharyň mylaýym günleriniň birinde taýyň dogulmagyny ýurdumyzyň durmuşynda möhüm şanly seneleriň ajaýyp pursatlar bilen utgaşýandygynyň nobatdaky subutnamasy hökmünde kabul etdim. 2019-njy ýylda Täze ýylyň ilkinji günlerinde hem taýçanak doglupdy, oňa Rowaç diýip at dakypdym. Şol ýyl hem biziň üçin aýratyn rowaçlyklara beslenipdi.

Täze doglan taýyň hem eziz Diýarymyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň şanly 30 ýyllygynyň we Aşgabat şäheriniň 140 ýyllygynyň giňden dabaralandyrylýan ýylda dünýä inmegi buýsançly wakadyr. Onuň bu ýylda boljak şanly wakalary has-da dabaralandyrjakdygyna yrym etse bolar.

Biziň milli atşynaslyk ulgamymyzda täze doglan at taýa at dakylanda, onuň atasynyň ady bilen, gysraga at dakylanda bolsa enesiniň ady bilen utgaşdyrmak däbi bar. Adatça, taýçanaga onuň atasynyň ýa enesiniň adynyň birinji harpy bilen başlanýan at dakylýar. Şundan ugur alyp, men Akhanyň adynyň birinji harpy bilen baglanyşdyryp we paýtagtymyzyň 140 ýyllygynyň hormatyna bu taýçanaga Aşgabat diýip at goýdum. Gadymdan gelýän milli däbimize görä, onuň boýnuna käbäm ejemiň ören

alajasyny daňdym. Şonda ol minnetdarlyk bildirýän ýaly, çar ýana at salyp, dürli oýunlar etdi.

Akhan bilen Lälegyzdan bolan bu taýçanagyň oýunlary duýgudaşlyk, ýakymlylyk, ruhubelentlik bolup hakydaňa girýär.

Akhanyň şöhratly Gyrsakaryň ugruna degişlidigini bilýänsiňiz. Ony ýaşlygyndan seýisläp başladym. Akhan ýyndamlygy, gözelligi bilen ahalteke bedewleriniň şöhratyna şöhrat goşmagy başardy. Akhan bilen ýurdumyzyň birnäçe toý-baýramlaryna-da gatnaşyp, taryhy ähmiýetli, ajaýyp wakalaryň şaýady boldum.

2017-nji ýylda Akhanyň çarpaýa galmagy bilen paýtagtymyzda geçirilen Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlarynyň alawynyň ýakylan pursatlary, köp adamyň göz öňünde janlanýandyr. Ol pursatlar hakykatdan hem guwandyryjydy.

2018-nji ýylda bolsa Akhan çarpaýa galyp, yzky iki aýagynyň üstünde ýöremekde 10 metr aralygy 4,19 sekuntda geçip, bäsleşigiň bu görnüşi boýunça dünýä rekordyny täzeledi. Munuň özi ahalteke bedewleriniň dünýädäki şöhratynyň has-da belende galmagyny we Akhanyň gazanýan ýeňişleriniň halkara derejesinde ykrar edilmegini şertlendirdi.

Behişdi bedewlerimizi okgunly ösýän Garaşsyz Watanymyzyň özboluşly nyşany hökmünde kabul edýändigimiz ýöne ýerden däldir. Biz ahalteke bedewleriniň dünýä atçylyk sportunda geçen şöhratly ýoluny mynasyp dowam etmek hem-de başarnyklaryny doly açmak üçin täze mümkinçilikleri döredýäris. Türkmen atlarynyň taryhyny we özboluşly gylyk-häsiýetlerini düýpli öwrenmek üçinem entek edilmeli işler köp. Gadymy seýisçilik ýörelgelerimizi döwrebap ösdürip, geljek nesillere ýetirmeli. Olaryň hemmesi utgaşdyrylyp alnyp gidilmeli.

Biz köp ýyllardan bäri Türkmen bedewiniň milli baýramyny belleýäris. “Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany” ýylynda bolsa Türkmen alabaýynyň baýramyny hem bu milli baýram bilen bilelikde belledik. Munuň özi türkmen halkynyň dünýä beren milli gymmatlyklarynyň ähmiýetiniň ýokarydygyny aňladyp, oňa ýurdumyzda uly üns berilýändigini ýene bir gezek subut etdi.

Halkymyzyň çeper döredijilige bolan sarpasy hem juda uly. Ynsan ýüregini şatlyga besleýän baýramçylyk günlerinde, dynç alyş mahalynda göwni joşýar, çeperden çeper sözler döreýär, sazlar göwnüňi galkyndyrýar. Bedewleriň tebigy gözelligi, çalasynlygy, wepadarlygy, ösen aň-paýhasy hem-de aýratyn başarnyklary köp asyrlaryň dowamynda döredijilik adamlary üçin ylham çeşmesi boldy. Bu häzirem şeýle bolmagynda galýar.

Çeper döredijilik bilen meşgullanýan pursatlarymda mähriban Watanymyzyň şöhratly taryhy, şu günki ýeten mynasyp belentligi barasyndaky pikirler hyýalyma gelýär. Şonda ylmy maglumatlar we ygtybarly edebi çeşmeler işlemäge esas bolýar, il arasyndaky ýörgünli rowaýatlary, halk döredijiliginiň eserlerini hem gözden geçirýärin. Döredijilik işinde täsin maglumatyň, üýtgeşik hadysanyň, şatlykly habaryň we şuňa meňzeş zatlaryň ylhamy oýarýandygy bolsa, belli zat.

Halkara Nowruz gününi, Milli bahar baýramyny belleýän hem-de Aşgabadyň 140 ýyllyk baýramyna taýýarlyk görýän günlerimizde täze taýçanagyň dünýä inmegi asla tötänlik däldir. Ol bagtyýarlygyň aýdymy, geljege bolan ynamyň senasy bolup, ylhamyňy joşdurýar.

Mähriban okyjym! Siziň eliňizdäki şu kitabymyň üstünde işlän günlerime gabat gelensoň, bu baradaky maglumatlary, “Ak şäherim Aşgabat” atly goşgymy hem, agtygym Kerimiň şol goşga ýazan sazynyň notasyny hem täze kitapda ýerleşdirmegi makul bildim.



Ak şäherim Aşgabat

Aziýaň dür - merjeni,
Ak şäherim Aşgabat!
Dost - doganlyk merkezi,
Ak şäherim Aşgabat!

Köpetdagyň çeşmesi,
Garagumuň keşdesi,
Göýä ak gül dessesi,
Ak şäherim Aşgabat!

Aşgabat!
Illeriň messan - messan,
Aşgabat!
Gujagyň ýaşyl bossan,
Aşgabat!
Watanym Türkmenistan,
Ak şäherim Aşgabat!

Güýç aldym daglaryňdan,
Joş aldym baglaryňdan,
Çaglandym çaglaryňdan,
Ak şäherim Aşgabat!

Galkyp ganat gerdigim,
Sap söýgüden gurdugym,
Ýüregi sen ýurdumyň,
Ak şäherim Aşgabat!
Goşgynyň notasy!



Eziz okyjy! Gözel paýtagtymyzyň täze taryhy, bu beýik döwrümiziň taryhydyr. Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzyň durmuşynyň her bir pursaty Aşgabat şäheriniň durmuşy bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Ajaýyp şäherimiz dünýäde deňi-taýy bolmadyk şöhratly bedewleriň, el hünärinden nepisligiň gaýtalanmajak nusgasy bolup dünýä dolan türkmen halylarynyň we ýene-de köp täsinlikleriň jemlenen ýeridir. Joşgunly ylhama ganat berýän gözel şäherimiziň taryhy geljekde has-da şöhratlanar.

Mähriban okyjy!

Ýollaryňyz ýagty, durmuşyňyz hözirli, döwletiňiz yrylmaz bolsun!

Ak şäherimizde ak arzuwlar amala aşýar.

Aýly agşam şuglasy

Aýdyň geljegiň nurly, Aşgabat!

Göwni açygyň – ýoly açyk

- AK ŞÄHERIMIZIŇ NURANA ÝOLLARY
- ŞÄHERIŇ AŞAGYNDAKY ŞÄHER
- SUW ÄHLI ÝERDE HEM – ÝAŞAÝŞYŇ ÇEŞMESI
- ENERGIÝA ÜPJÜNÇILIGI – ÄHLI ZADYŇ SAKASY

AK ŞÄHERIMIZIŇ NURANA ÝOLLARY

Şöhratly ata-babalarymyzyň «Ýol çekmek, köpri gurmak parz iş» diýen döwletlilik ýörelgesinden ugur alyp, biz il-ýurt we umumadamzat ähmiýetli ulag-üstaşyr geçelgelerini döretmek boýunça köpugurly işleri alyp barýarys. Ulag-kommunikasiýa düzümini kämilleşdirmek we ösdürmek Aşgabatda durmuşa geçirýän şähergurluşyk maksatnamamyzyň möhüm ugry bolup durýar. Häzirki wagtda paýtagtymyzda täze ulag ýollaryny ýolaýrytlary, ýol geçelgelerini gurýarys.

Şäher gurluşygynda halkymyzyň eşretli ýaşaýşy üçin aňrybaş amatly şertleriň döredilmegine, şol sanda şäheriň abadanlaşdyrylmagyna we ekologiýa abadançylygynyň üpjün edilmegine aýratyn ähmiýet beryäris. Şunda öňde durýan wezipeleriň çözgüdine täzeçil çemeleşmek esasy şertleriň biri bolup durýar. Halkymyzyň bäş müň ýyllyk taryhynda döreden we umumadamzat gymmatlyklaryna öwrülen ruhy hemde maddy gazananlaryny binagärlige siňdirmek, şeýdip nesilden-nesile geçirmek, wagyz etmek hem möhüm wezipe bolup öňe çykýar.

Ulag düzümi adamzadyň ýaşaýşynda ykdysadyýetde, ýagny maddy önümçilik ulgamynda esasy baglaşdyryjy ulgam bolup hyzmat edýär we ýolagçylary gatnatmakda hem-de halk hojalyk ýüklerini daşamakda ilatyň isleglerini kanagatlandyrmak wezipelerini ýerine ýetirýär. Şeýle bolansoň häzirki wagtda tutuş ýurdumyz bilen bilelikde gözel paýtagtymyzyň içerki we daşarky ýollaryny halkara ülňülerine laýyk getirmek maksadynda uly möçberli işler amala aşyryldy.

Aşgabadyň halkara ykrarnamasyna eýe bolan «Arçabil», «Çandybil», «Bitarap Türkmenistan», «Garaşsyzlyk», «Köpetdag», «10 ýyl Abadançylyk» we başgada birnäçe şaýollary ýol gurluşyk ylmynyň täze gazananlarynyň esasynda gurlandyr we olar gurlanda innowasion materiallar hem-de tehnologiýalar giňden ulanylandyr. Duralgalaryň tehnologik enjamlary, ýanýodalaryň we ýanaşyk ýerleriniň abadanlaşdyrylyşy, yşyklandyryş ulgamlary dünýäde ýokary hilliligi, köpugurly şertleri, ähmiýetliligi bilen tapawutlanýar. Bu ugurdaky üstünlikli amala aşyrylan möhüm taslamalar halkara ykrarnamasyna eýe boldy we ýurdumyzda ýol gurluşygynyň ussat hünärmenlerini taýýarlamakda hem möhüm mekdebe öw-

rüldi. Ulag üpjünçilik ulgamynyň has-da kämilleşdirilmeginiň netijesinde, şäherde awtoulaglaryň bökdençsiz, sazlaşykly, howpsuz hereketi ýola goýuldy. 2025-nji ýyla çenli bolsa Aşgabadyň ulaglar we awtomobil ýollar ulgamy yly ösüşlere eýe bolar, olaryň täze şahalary döredilerler.

Şähergurluşyk maksatnamasynda ak şäherimiziň ulag ýollaryny döwrebaplaşdyrmak, täze köprüleri, köp zolakly halkalaýyn ýollary, iki gatly ýol aýrytlaryny, ýerasty pyýada geçelgelerini, awtobus duralgalaryny, yşyklandyryş sütünlerini, ýol belgileriniň gurluşygyny üstünlikli durmuşa geçirmek esasy wezipe bolup durýar. Meýilnama laýyklykda paýtagtymyzda jemi uzynlygy 60 kilometrden gowrak 12 sany ýol döwrebaplaşdyryldy, 18 sany köpri guruldy, pyýadalar üçin 39 sany ýerasty geçelge, şeýle-de 15 sany ýerüsti geçelge döredildi.

Aşgabat şäheriniň daşynda gurlan umumy uzynlygy 200 kilometrden gowrak bolan halkalaýyn ýoluň daş-töweregine ýaşyl zolagyň emele getirilmegi, ekologiýa abadançylygyna oňaýly täsir etdi. Bulardan başga-da toplumlaýyn işleriň çäklerinde inženerçilik-kommunikasiýa ulgamlary

Täsin binalar – şaýollaryň bezegi

doly täzelendi. Şonda diňe N. Andalyp köçesiniň ugrunda 8 sany geçelge guruldy. Ýol çatrygynyň şol aýlawly geçelgelerinde özboluşly mana eýe bolan binagärlik dürdäneleri döredildi.

«Abadançylyk», «Ylym», «Ýyldyz», «Arkadag», «Ak bugdaý» we «Sagdynlyk» binalary hem Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň gazananlaryny, ajaýyp keşbini açyp görkezýän we özünde ägirt uly many-mazmuny jemleýän binagärlik nusgalarydyr. Hususan-da, binagärlik mazmuny boýunça mynasyp atlandyrylan «Zemin», «Dowamat», «Alaw», «Ebedilik», «Jebislik», «Erkanalyk», «Döredijilik», «Şahyr», «Çemen» ýaly şäherimiziň dürli ýerinde gurlan binalar mähriban halkymyzyň arzuw-isleglerini, öňde goýan belent maksatlaryny dabaralandyrýar.

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 2018-nji ýylyň 12-nji aprelindäki 72-nji mejlisiniň 82-nji maslahatynda biziň ýurdumyzyň başlangyjy esasynda her ýylyň 3-nji iýunyny Bütindünýä welosiped güni diýip yglan etmek hakynda Rezolýusiýa kabul edildi. Sportuň ekologiýa taýdan

arassa görnüşleriniň biri hasaplanylýan welosiped sportunyň wagyz edilmeginde möhüm ähmiýeti bolan Welosiped binasy 2020-nji ýylyň 3-nji iýunynda Bütindünýä welosiped gününiň giňden bellenilýän baýramçylygynda gözel paýtagtymyzyň Çandybil şaýoly bilen Bekrewe köçesiniň çatrygynda açyldy. Bu bina, diňe bir welosipediň keşbini özünde jemlemän, eýsem, ol türkmen halkynyň müňýyllyklaryň dowamynda sünnäläp döreden we umumadamzat gymmatlyklaryna öwrülen mukaddesliklerini, hemişelik Bitarap ýurdumyzyň okgunly ösüşlerini hem-de dünýäde parahatçylygy, ählumumy howpsuzlygy hem-de durnukly ösüşi ýola goýmak, sagdynlyk, hyzmatdaşlyk maksadynda alyp barýan iňňän öňdengörüjilikli «Açyk gapylar» syýasatymyzy üstünlikli amala aşyrmakda sport diplomatiýasynyň tutýan ornuny özünde jemleýän binagärlik merjenidir.

Paýtagtymyzdaky ýol çatryklary, ýerasty geçelgeler ýol hereketiniň sazlaşykly bolmagynda aýratyn orna eýe bolýar. Şeýle çatryklaryň biriniň üstünde gurlan Mahabat binasy ýurdumyzyň Garaşsyzlyk ýyllarynda ýeten belent sepgitlerini dünýä äşgär edýän täsin taslamadyr. Sebitiň iri ulag-logistika düzümleriniň biri bolan, Aşgabat şäheriniň awtoulag kärhanalarynyň birleşiginiň awtomobil okuw mekdebiniň merkezini özünde birleşdirýän binalar toplumy hem halkymyza döwrebap ulag hyzmatlaryny ýerine ýetirmekde möhüm toplum hökmünde bellidir.

Amala aşyrylýan binagärlik taslamalarynyň ählisiniň ylmy-tehnologik esasda taýýarlanylýandygyny aýratyn bellemelidiris. Paýtagtymyzyň ýol-ulag ulgamynda häzirki zaman innowasion tehnologiýalary işjeň ornaşdyrylýar we üstünlikli dowam etdirilýär. Bu bolsa paýtagtymyzda hereketiň sazlaşykly bolmagynyň,



howpsuzlygyň üpjün edilmeginiň mümkinçiliklerini giňeldýär. Täze döredilýän her bir şaýoluň täsin seýilgähler toplumyny ýada salyp durandygy hemmämize mälimdir. Çünki ol ýollaryň ýanaşyk ýerleri elmydama ýaşyl öwüsýän bezeg agaç nahallaryny, dürli hili öwüşginli gülleri ekmek arkaly bagy-bossanlyga öwrülýär. Bu bolsa, ilkinji nobatda, ekologiýa abadançylygyny üpjün edýär we şeýle ýollar bilen hereket edýän adamlarda keýpiçaglygy, ruhubelentligi döredýär.

Ak mermerli paýtagtymyzda döredilýän her bir binagärlik nusgasy ýurdumyzyň gözel keşbi bilen ajaýyp sazlaşygy emele getirip, döwrüň belent ruhuny dabaralandyrýar. Häzirki wagtda paýtagtymyzyň aýna ýaly tekiz, göni hem ýagty ýollarynda hereket edýän jemgyýetçilik awtoulaglary, awtobuslardyr taksiler dünýäniň öňdebaryjy «Hyundai-Elantra», «Hyundai-County», «Hyundai-Universe Luxury», «Mersedes Bens», «TOÝOTA» ýaly iri kompaniýalaryň önümleridir. Biz bu işleri geljekde hem dowam ederis.

Aşgabat şäheriniň güni we paýtagtymyzyň esaslandyrylmagynyň 140 ýyllygy mynasybetli geçirilýän goşa baýram gününde ak mermerli şäherimizde täze, amatly awtobuslaryň 400-sini işe goýbereris. Şol gün şäher içindäki ähli awtobuslar ýolagçylara tölegsiz hyzmat eder. Bular diňe bir paýtagtymyzyň ýaşaýjylarynyň ýa-da myhmanlarynyň däl-de, eýsem, tutuş halkymyzyň baýramçylyk ruhuny belende göterer.

Türkmen alabaýy – wepalylygyň nusgasy



Telekeçiler – bina gurmagyň ussatlary

Aşgabadym – ak bagtym

Tämizligiň we kämilligiň şäheri

«... Beýik binalar görüner»
Magtymguly Pyragy

ŞÄHERIŇ AŞAGYNDAKY ŞÄHER

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe paýtagtymyzda iri möçberli binagärlik-şähergurluşyk maksatnamasyny üstünlikli amala aşyrýarys. Bu maksatnama şäheriň düzümlerini kemala getirmäge, innowasion çemeleşmä, ulgamda öňdebaryjy dünýä gazananlaryny işjeň ornaşdyrmaga gönükdirilendir. Onuň esasy maksady bolsa Aşgabady diňe bir iň owadan şäherleriň hataryna çykarmak bilen çäklenmän, eýsem, sebitiň we dünýäniň ýaşamak üçin iň oňaýly şäherleriniň birine öwürmekden, durmuşyň hem-de adamlaryň zähmet çekmeginiň we dynç almagynyň ýokary, täze ölçeglerini üpjün etmekden ybaratdyr.

Elbetde, uly bir megapolisi gurjak bolsaň, ilki bilen onuň döwrebap inženerçilik kommunikasiýa ulgamyny döretmek, eltiji ulgamlary, elektrik togy, tebigy gaz, agyz suwy üpjünçiligi we beýleki zerurlyklar barada alada etmelidigi belli zat. Biz bu işe has düýpli çemeleşmek bilen, ony amal etmek üçin köp maýa goýumlaryny gönükdirdik, çylşyrymly desgalar toplumyny gurduk. Mermer paýtagtymyzda 12 metr çuňlukda gurlan ýerasty ötük şeýle desgalar toplumyna degişlidir. Ony şäher astynda gurlan şäher diýip atlandyrsak, has hem ýerlikli bolar. Şeýle täsin ýerasty kommunikasiýalar toplumyny özünde jemleýän ýerasty ötügiň gurluşygy Garaşsyzlygymyzyň ilkinji ýyllarynda başlanyp, Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ulgam doly işläp başlady.

Biz ýerüsti we ýerasty desgalaryň ulgamy görnüşindäki zeýkeş – aragatnaşyk ötüginiň düzümlerini Aşgabatda durmuş üpjünçiliginiň birnäçe meselelerini toplumlaýyn çözmäge niýetläp gurduk. Hususan-da, ol şäheriň suwuň has köp ýygnanýan böleginde ýerasty suwlaryň derejesini peseltmäge, lagym, suw, elektrik üpjünçilik, aragatnaşyk ulgamlarynyň ygtybarlylygyny ýokarlandyrmaga, suwarmak üçin ýaramly suwuň möçberlerini köpeltmek arkaly ýerüsti we ýerasty

suwlaryň peýdalanyşynyň netijeliligini artdyrmaga mümkinçilik berýär.

Bu ötügiň birinji gaty üç bölekden ybarat bolup, olaryň birinde şäheriň ähli lagym suwlaryny akdyrmak, ýene birinde ýagyn suwlaryny ýygnap äkitmek, üçünjisinde bolsa şäherde bar bolan ýerasty suwlary çekdirmek göz öňünde tutulandyr.

Ýerasty suwlar şöhle görnüşinde ýerleşdirilen zeýkeş turbalary arkaly öz akymyna bu ötüge gelip düşýär we şor suw akabalary boýunça yzygiderli akyp gidýär. Ötügiň kömegi arkaly şol zeý suwlaryň öz akymyna laýyklykda şäheriň çäklerinden çykarylmagy çykdajylary we harajady ep-esli azaldýar. Ol ulgamlaryň işläp başlamagy bilen paýtagtymyzyň demirgazyk-günorta böleginde bar bolan ýerasty suwlary iki metr çemesi aşak düşürmek mümkin boldy.

Biz ýerasty ötügiň gurulmagynyň netijesinde, inženerçilik kommunikasiýalaryň sazlaşykly işlemegini ýola goýmagy başardyk. Onda ýerleşdirilen lagym ulgamynyň bökdençsiz işlemegi biziň iň esasy aladalarymyzyň biri bolan arassaçylygy üpjün etmäge we adam saglygyny goramaga zerur şertleri döredýär. Ak mermerli şäherimizi bagy-bossanlyga öwrüp, ekologiýa abadançylygyny ýola goýmakda hem onuň ähmiýetini aýratyn bellemek gerek.

Bu ötük lagym suwlarynyň bökdençsiz akmagy we suwdaky hapalar çöküp galmaz ýaly akym tizligini üpjün etmek üçin Türkmenistanyň gurluşyk kadalaryna laýyk ýapgytlykda gurlandyr. Ötükde lagym suwlaryndan bölünüp çykýan gazlary aýyrmagyň talaplaryna laýyklykda, daşky gurşawa çykarmak üçin ýörite howa çalşyjy enjamlar we gurluşlar bar. Olar gazlaryň bir ýere toplanmagynyň öňüni alýar.

Dünýäniň öňdebaryjy tejribesinden ugur alyp, bu ötükde howanyň arassalygyny hem-de zerur çyglylygyny sazlamak üçin häzirki zaman howa çalşyjy ulgamy gurduk. Howa çalşyjy ulgamyň zerur bolan innowasion tehnologiki enjamlar bilen üpjün edilmegi ötükde işleýän işçiler üçin hem oňaýly şertleri döredýär.

Ozalky döwürde dowamly ýagyn ýagmagy netijesinde toplanan suwlar şäher durmuşy üçin köp kynçylyklary döre-

derdi. Şeýle günlerde sil gelmek howpy aradan aýrylmaýardy. Biz bu meseläniň çözgüdini hem ötügiň kömegi bilen tapmagy başardyk. Onda paýtagtymyza ýagýan ýagyn suwlary ýörite uly göwrümli howdanlara toplanandan soňra, olary hiç hili päsgelçiliksiz şäheriň daşyna çykarmak üçin ähli şertler döredildi.

Häzirki wagtda ak şäherimiziň günbatar böleginde hem ýerasty zeýkeş-aragatnaşyk nagym ulgamyny gurduk. Bu ýerde diametri 6 metr ötük geçirijiniň birnäçe kilometri çekildi, lagym suwlaryny kabul etmek üçin gurallaryň 4-si, şöhleli suw haýatlarynyň 8-si, ýerasty zeýkeş-aragatnaşyk ulgamyny dolandyryş nokady we binasy guruldy.

Ýerasty inženerçilik-aragatnaşyk nagym geçirijisiniň esasy bölekleriniň biri, KOS-300 meýdançasydyr. Bu ýerde ýerasty suwlary arassalaýjy beket döredilendir. Suw sorujy baş bekediň ýerasty böleginde inžener-tehniki innowasion enjamlar we abzallar gurnalandyr. Olar gaýtadan işlemek üçin ýerasty suwlary awtomatik usulda kabul edýär we iberýär. Möhüm taslamalaryň esasynda şor suwlary hem bu ýere ýygnamak

baradaky meseleler oýlanyşykly çözüldi. Indi şol suwlary arassalap, oba hojalyk maksatlary üçin gaýtadan peýdalanmaga mümkinçilik emele geldi.

Arassalanan ýerasty suwlaryň kömegi bilen biz täze ýerleri özleşdirýäris. Taslamanyň birinji tapgyrynyň çäklerinde täze ýerleriň 3600 gektaryny özleşdirmegiň meýilleşdirilendigini bellemek gerek.

Umuman, bu desgalaryň toplumy diametri 6 metr we uzynlygy 17500 metr bolan ýerasty zeýkeş-aragatnaşyk ulgamyny, diametri 3,5 metr we uzynlygy 13820 metr bolan iki sany äkidiji nagymy we beýleki birnäçe möhüm desgalary özünde jemleýär.

Ýerasty ötügiň ýokarky gatynda suw geçiriji ulgamyň, aragatnaşyk we elektrik geçirijileriniň şeýle-de beýleki zerur kommunikasiýalaryň ykjam edip ýerleşdirilmegi onuň dolulygyna netijeli ulanylmagyna mümkinçilik berýär. Şeýle hem ötükde bu inženerçilik ulgamyna hyzmat ediş düzümiň, ýagny zerur halatda abatlaýyş işlerini geçirmek üçin ýörite bölegiň bolmagy, onuň işini bökdençsiz ýola goýmaga ýardam edýär.

Bu taslamany biz paýtagtymyzda ekologiýa abadançylygynyň häzirki zaman talaplaryny üpjün edýän, uzakmöhletleýin maksatnamanyň bir bölegi diýip hasap edýäris. Şonuň bilen birlikde hem ussat hünärmenleri taýýarlamagyň ajaýyp tejribe meýdançasy hökmünde oňa uly ähmiýet berýäris.

SUW ÄHLI ÝERDE HEM – ÝAŞAÝŞYŇ ÇEŞMESI

Biz şäherde ýokary derejeli durmuş üpjünçiliginiň ýola goýulmagyny aýratyn gözegçilikde saklaýarys. Şonuň üçin ýurdumyzyň baş şäheriniň abadançylyk, arassaçylyk hem-de ekologiýa ýagdaýy bilen bir hatarda, şäher ilatynyň durmuş üpjünçiliginiň yzygiderli gowulandyrylmagy ugrunda toplumlaýyn işleri amala aşyrýarys.

Ýurdumyzyň paýtagtynda amala aşyrylýan özgertmeleriň, ýerine ýetirilýän işleriň ýokary talaplara, halkara ülňülerine doly laýyk gelmegini, biz esasy şert edip goýýarys. Bu bolsa Aşgabadyň hemmetaraplaýyn ösüşini üpjün edýär. Biz ähli işlerimizi şäher ilatynyň abadançylygyna gönükdirýäris. Şularyň ählisi jemlenip, adamlaryň amatly ýaşaýşy, döwrebap dynç alşy üçin zerur şertleri döredýär. Netijede bolsa, ýurdumyzyň ähli ilatynyň, aýratyn-da, aşgabatlylaryň paýtagtymyza bolan buýsanjy artýar.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe şäher ilatyny arassa agyz suwy bilen doly üpjün etmek meselesi paýtagtymyzyň inženerçilik-tehniki desgalarynyň gurluşyk taslamalarynda möhüm orun eýeleýär. Agyz suw üpjünçiliginiň esasy çeşmesi Garagum derýasy we paýtagtymyzyň çägindäki we onuň töweregindäki ýerasty suw gorlary bolup durýar. Suw üpjünçiligini bökdençsiz ýola goýmak üçin biz paýtagtymyzyň çäginde suw arassalaýjy desgalaryň 4-sini gurduk.

WL
WL

Aşgabat! Gujagyň ýaşyl bossan!

ENERGIÝA ÜPJÜNÇILIGI – ÄHLI ZADYŇ SAKASY

Biz paýtagtymyz Aşgabady diňe bir iri edara edara ediş – syýasy, intellektual, ylmy we medeni merkez däl-de, eýsem, möhüm innowasion senagat toplumyny özünde jemleýän häzirki zaman şäher hökmünde ösdürýäris. Milli ykdysadyýetimiziň köp pudaklary bu toplumyň ösüşine baglydyr. Şoňa görä-de, biz paýtagtymyzyň senagat-ykdysady kuwwatyny hemmetaraplaýyn döwrebaplaşdyrmak hem-de halkara ülňülerine laýyk gelýän inžener-tehniki düzümini döretmek we Aşgabady dünýäniň iň owadan şäherleriniň birine öwürmek meselelerine aýratyn üns berýäris.

Ýurdy senagatlaşdyrmagyň, paýtagtymyzy ösen senagat merkezine öwürmegiň iň esasy şertleriniň biri, onuň elektrik energiýasy bilen bökdençsiz hem ýeterlik derejede üpjün edilişi bilen baglydyr. Şonuň üçin Aşgabadyň ygtybarly elektrik energiýasy bilen üpjünçilik ulgamynyň üstünde jikme-jik durup geçmegi ýerlikli hasaplaýaryn. Ýeri gelende aýtsam, Aşgabadyň elektrik energiýasy bilen üpjünçiligi ýurdumyzyň energetika syýasatynyň möhüm ugry bolup durýar.

Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzyň elektrik energetika senagaty kuwwatly ösüşe eýe boldy. Öňler paýtagtymyzyň energiýa üpjünçiligi, esasan hem, Büzmeýin hem-de Aşgabat döwlet gazturbinaly elektrik stansiýalarynyň hasabyna üpjün edilýärdi. 2010-njy ýylda umumy kuwwaty 254,2 MWt bolan iki gazturbinaly Ahal döw-

let elektrik stansiýasyny hem gurduk. Ol gazda hem-de dizel ýangyjynda işleýär.

Biz Türkmenistanyň elektrik energetikasy pudagyny ösdürmegiň 2013 – 2020-nji ýyllar üçin Konsepsiýasyny üstünlikli durmuşa geçirmegi başardyk. Oňa laýyklykda, eýýäm 2013-nji ýylyň ahyrynda Ahal elektrik stansiýasynda kiçi gaz turbinalarynyň üçüsi, 2014-nji ýylda bolsa gaz turbinalarynyň ýene-de ikisi işläp başlady. Munuň özi bu elektrik stansiýasynyň umumy kuwwatyny 648,1 megawata çenli artdyrmaga mümkinçilik berdi. 2015-nji ýylyň 12-nji sentýabrynda Derweze döwlet elektrik stansiýasy işe girizildi. Onda umumy kuwwaty 504,4 MWt bolan gaz turbinaly desgalaryň 4-si ornaşdyryldy. Ahal we Derweze döwlet elektrik stansiýalary Aşgabadyň hem-de tutuş sebitiň energiýa üpjünçiliginiň ygtybarlylygyny pugtalandyrmaga ýardam etdi.

Biz ak mermerli paýtagtymyzyň töwereginde döwrebap elektrik stansiýalaryny gurmak bilen çäklenmedik. Aşgabadyň tutuş energetika ulgamyny düýpli döwrebaplaşdyrmagy baş maksadymyz edip goýduk. Aşgabat şäheriniň energiýa üpjünçiliginiň ygtybarlylygyny ýokarlandyrmak üçin üç tapgyrda energiýa üpjünçiliginiň iri desgalaryny, şol sanda güýjenmesi 220 kW bolan beketleriň 5 toplumyny, güýjenmesi 110 kW bolan beketleriň 22 toplumyny, güýjenmesi 35 kW bolan beketleriň 29 toplumyny we beýleki desgalary gurduk. Täze gurlan energiýa desgalaryny paýtagtymyzyň hereket edýän energiýa ulgamyna birikdirmek üçin ýerasty kabel geçirijileriniň 785 kilometrini çekdik.

Indi Aşgabat, Büzmeýin, Ahal, Derweze we beýleki döwlet elektrik stansiýalarynda işlenip çykarylýan elektrik energiýasy hut täze gurlan transformator beketlerinde gaýtadan işlenilýär hem-de sarp edijilere ugradylýar.

Beketleriň ählisinde «Jeneral Elektrik», «Şnaýder Elektrik», «Simens» ýaly dünýäniň meşhur kompaniýalarynyň enjamlaryny ornaşdyrdyk.

Hereket edýän howa elektrik geçiriji ulgamlaryny söküp aýryp, Aşgabadyň binagärlik keşbini has-da gowulandyrdyk.

Täze beketleriň hem-de ýerasty kabel ulgamlarynyň gurulmagy ýurdumyzyň baş şäheriniň töwereginde elektrik halkasyny döretmek bilen çäklenmän, eýsem, tutuş şäher boýunça elektrik energiýasynyň akymlarynyň deň paýlanylmagyny üpjün etdi. Munuň özi bolsa sarp edijileri elektrik energiýasy bilen üpjün etmek işiniň ýokary hilini aňladýar. Mundan başga-da, täze düzümleýin energetika desgalary elektrik beketleriniň işiniň has kadaly bolmagyna, energiýa enjamlarynyň öz wagtynda abatlanylmagyna hem-de paýtagtymyzyň energiýa ulgamynyň işine ygtybarly gözegçilik etmäge ýardam etdi.

Paýtagtymyzyň ygtybarly energiýa üpjünçiliginde Parahat-6 ýaşaýyş toplumynda ýerleşen «Paýtagt» dolandyryş desgasyny 2016-njy ýylyň oktýabr aýynda dabaraly ýagdaýda ulanmaga berdik. Şonda daşky gurşawa amatly täsir edýän taslamanyň amala aşyrylandygy üçin, halkara güwänamalarynyň birnäçesiniň gowşurylandygyny ýatlamak isleýärin.

Elektrik energiýa üpjünçiliginiň üstünlikli çözgüdiniň esasynda paýtagtymyzyň gijeki yşyklandyrylyşy aýratyn özboluşlylygy bilen tapawutlanýar. Ol diňe bir ýolagçy we ulag gatnawlarynyň howpsuzlygyna oňaýly täsir etmän, eýsem, ak şäherimiziň gijeki gözelligini, şuglazarlygyny hasda artdyrýar. Biz paýtagtymyzyň şaýollarydyr köçeleriniň ugrunda milli we dünýä tejribeleriň sazlaşykly utgaşmagynda gurlan, täsin şekilli belent çyralary oturtdyk. Ak şäherimiziň täsin binagärlik keşbini gijelerine guşuçar belentlikden synlanyňda ýagtylygy we owadanlygy bilen haýran galdyrýar.

Aşgabadyň energiýa ulgamy milli elektrik energetikasynyň ýagdaýyny aýdyň görkezýär. Elektrik energetikasynyň okgunly ösüşi ýurdumyzda amala aşyrylýan ägirt uly özgertmeleriň netijeliliginiň subutnamasydyr.



Agşamlaryň neneň ajaýyp!

Aşgabat – binagärlik sungatynyň dürdänesi

Gözellikden gözbaş alan Aşgabat!

Aşgabat – dünýä binagärliginiň merjeni

- OŇAT ÝAŞAMAGYŇ ILKINJI ŞERTI – OŇAÝLY, DÖWREBAP ÖÝLER
- RÖWŞEN GELJEGIŇ BINÝADY
- MEDENI HAZYNANYŇ JEMLENEN ŞÄHERI
- SAGLYK: ÝAŞAÝŞYŇ AMATLYLYGYNYŇ ESASY ŞERTI
- SPORTUŇ, SAGDYNLYGYŇ WE RUHUBELENTLIGIŇ ŞÄHERI
- AŞGABAT – HALKARA HYZMATDAŞLYK MERKEZI
- BINAGÄRLIGIŇ TÄZE NUSGASY

OŇAT ÝAŞAMAGYŇ ILKINJI ŞERTI – OŇAÝLY, DÖWREBAP ÖÝLER

Men iş zerurlygy boýunça, köplenç, Aşgabat şäheriniň üstünden dikuçarly aýlanýaryn. Şonda paýtagtymyzyň çäkleriniň nähili giňändigine, gurlan binalaryň, aýratyn hem ýaşaýyş jaýlarynyň köplügine has aýdyň göz ýetirip bolýar. Şäher eteklerinde milliligimize laýyklykda gurlan, ilatyň aýratyn isleg bildirýän howlularynyň uzyn hatarlaryndan düzülen döwrebap obalar şäheriň gözelligine gözellik goşýar. Ol howlularda türkmen tamdyryna çeni ähli zatlar göz öňünde tutuldy. «Parahat» ýaşaýyş jaý toplumlary birleşip, paýtagtymyzyň aýratyn bir bölegini düzýär. Olarda medeni-durmuş maksatly binalar bilen birlikde, köp gatly ýaşaýyş jaýlarynyň ýüzlerçesi guruldy. Netijede, gysga döwürde müňläp hojalyklar, maşgalalar özbaşdak jaýly boldular. Ýaşaýjylar üçin ähli amatlyklary bolan, 12 gatly ak mermere bürelen ýaşaýyş jaýlarynyň sany hem ýyl-ýyldan artýar. Soňky ýyllarda gurlan bu jaýlaryň ählisinde bagtyýar ildeşlerimiz ýaşaýarlar, özleriniň durmuşy, döredijilikli işi, nesil terbiýesi bilen meşgullanyp, Watanymyzyň ösüşlerine goşant goşýarlar.

Biz ak şäherimiz Aşgabadyň ozalky adaty köçelerini giňeldip, döwrebaplaşdyryp, düýbünden başga keşbe getirýäris. Olaryň ugrunda bolsa paýtagtymyzy toplumlaýyn ösdürmegiň nobatdaky tapgyrlarynyň binalaryny gurýarys. Olarda orta mekdepleriň we döwrebap çagalar baglarynyň, häzirki zaman lukmançylyk enjamlary bilen üpjün edilen saglyk öýleriniň, sport toplumlarydyr medeni maksatly binalaryň ençemesi bar. Elbetde, döwletimiziň iň gymmatly baýlygy bolan adam hakynda edilýän beýik aladanyň aýdyň netijesi bolan iň döwrebap, ähli durmuş amat-

lyklary bilen üpjün edilen, has oňaýly belent ýaşaýyş jaýlarynyň hatary şol tapgyrlaryň esasyny düzýär. Şeýle jaýlar ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, Aşgabat şäher häkimliginiň buýurmalary esasynda gurulýar. Şeýle tapgyrlaryň käbirleriniň açylyş dabaralary, olardaky ýaşaýyş jaýlarynyň aýratynlyklary barada biraz jikme-jik durup geçmegi ýerlikli diýip hasap edýärin.

«10 ýyl Abadançylyk» ýolunyň ugrunda paýtagtymyzy toplumlaýyn ösdürmegiň 11-nji nobatdakysynyň çäklerinde täze gurlup, ulanylmaga berlen, 18 sany iň döwrebap, ähli durmuş amatlyklary bilen üpjün edilen has oňaýly belent ýaşaýyş jaýlarynyň we beýleki zerur binalaryň açylyş dabaralary özboluşlylygy bilen ýatda galyjy boldy. Onda türkmen toý däp-dessurlary şöhlelendirildi. Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 25 ýyllyk baýramynyň öň ýanynda bolup geçen bu dabaralarda paýtagtly maşgalalaryň ýüzlerçesi hakykatdan hem toý tutdular.

Paýtagtymyzyň Atamyrat Nyýazow şaýolunyň ugrunda gurlan, Aşgabady ösdürmegiň 12-nji nobatdakysynyň desgalaryny 2014-nji ýylyň 30-njy sentýabrynda ulanmaga berendigimiz, ildeşlerimiziň ýadyna düşýändir. Bu ýer-

de hem otaglarynyň ýerleşişi gowulandyrylan has oňaýly belent ýaşaýyş jaýlary, ýoluň iki gyrasyna aýratyn görk berýär. Çagalar üçin sport we oýun meýdançalary ýaşaýjylaryň hyzmatyna berildi. Döredilen ýaşaýyş toplumynyň ähli desgalarynyň ýanaşyk ýerleri doly abadanlaşdyrylyp, täze baglar we güller ekildi, ýaşyl zolaklar döredildi. Şaýoluň Görogly köçesinden Bitarap Türkmenistan şaýoluna çenli böleginiň durky düýpli abadanlaşdyryldy. Bu işler üçin täze jaýlardan öý alan ildeşlerimiziň begençli, buýsançly sözlerini eşitmek hem ýakymly.

Döwletimiziň hemişelik Bitaraplygynyň 20 ýyllyk şanly toýy mynasybetli Oguzhan köçesiniň ugrunda Aşgabat şäherini ösdürmegiň 13-nji tapgyrynyň binalar toplumynyň ulanylmaga berilmegi mynasybetli dabaralar guraldy. Munuň özi paýtagtymyzda hemmetaraplaýyn oýlanyşykly ýaşaýyş jaý toplumlaryny döretmegiň asylly däbe öwrülendiginiň nobatdaky subutnamasy boldy. Köçäniň Garaşsyzlyk we Bitarap Türkmenistan şaýollarynyň aralygyndaky böleginiň durky doly abadanlaşdyrylyp, ikiýanlaýyn uzalyp gidýän ýanýolly, ýanýodaly, aralyk zolakly giň ýol emele getirilip, şaýol derejesine ýetirildi. Umumy meýdany 970 müň inedördül metre barabar bolan täze döredilen ýaşaýyş jaý toplumynyň binalarynyň aglaba bölegi belent ýaşaýyş jaýlarydyr.

Biz ýaşaýyş jaýlarynda ýerasty awtoduralgalary, birinji gatlarynda bolsa ilata durmuş hyzmaty nokatlaryny, dürli dükanlary göz öňünde tutýarys. Bu zatlar biziň şäher ilatynyň bähbidini, olar üçin amatlyklary döretmegi ähli zatdan ileri tutýandy-

Aşgabat – bagtyň mekany

gymyzyň alamatydyr. Belent ýaşaýyş jaýlarynda adamlaryň bagtyýar ýaşaýşy, döwrebap durmuşy, wagtlaryny gyzykly hem-de peýdaly geçirmekleri, bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmaklary üçin amatly şertler bar. Çagalar üçin döwrebap oýun we sport meýdançalary gurlup, maşgala dabaralaryny, köpçülikleýin çäreleri guramak üçin bassyrmalar enjamlaşdyryldy.

Paýtagtymyzy toplumlaýyn ösdürmegiň 14-nji tapgyrynda ilatymyza has oňaýly ýaşaýyş we dynç alyş şertlerini döretmek maksadyndan ugur alyp, Bitarap Türkmenistan we Garaşsyzlyk şaýollarynyň hem-de Oguzhan we 1971-nji (G. Ezizow) köçeleriniň aralygynda täze ajaýyp ýaşaýyş jaý toplumyny gurduk. Bu töwerekde ozalky pessejik jaýlaryň ornunda depesi gök direýän ak mermerli döwrebap belent ýaşaýyş jaýlarynyň hatarlary emele geldi. Döwrebap täze ýollaryň iki gyrasyna düzülen, biri-birinden kaşaň, biri-birinden ajaýyp binalar türkmen döwletiniň ösüşleriniň aýdyň alamaty hökmünde töwerege üýtgeşik gözellik berýär.

Aşgabat şäherini ösdürmegiň 15-nji tapgyrynyň çäklerinde gurlan dürli maksatly binalaryň we desgalaryň toplumynyň açylyş dabarasy hasda täsirli boldy. Biz iki günüň dowamynda paýtagtymyzyň Seýdi we Mollanepes köçeleriniň ugrunda gurlan döwrebap 208 sany 2 gatly kottej görnüşli, 11 sany on iki gatly 72 öýli, 6 sany 48 öýli, 8 sany 4 gatly we 8 sany 3 gatly ýaşaýyş jaýlary ýanynyň bilim, saglyk, sport we medeni maksatly binalary bilen bilelikde, döwrebaplaşdyrylan, ýanaşyk ýerleri abadanlaşdyrylan, umumy uzynlygy 13 müň 968 metr bolan inžener ulgamlary bilen bilelikde durky täzelenen Seýdi we Tähran köçelerini, täze seýilgähi dabaraly ýagdaýda ulanmaga berdik.

Bagtyýar çagalyk

Bilşimiz ýaly, 2020-nji ýylda Watanymyzyň baky Bitaraplyk derejesine eýe bolmagynyň şanly 25 ýyllygyny belläp geçdik. Bu uly baýramyň öňüsyrasynda hem dürli ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň işgärleriniň 1008 maşgalasy Aşgabadyň günbatar böleginde paýtagtymyzy ösdürmegiň 16-njy tapgyrynyň çäklerinde gurlan täze ýaşaýyş jaýlaryndaky ähli amatlyklary bolan öýleriň açarlaryny aldylar. Munuň özi 5 müňden gowrak adama barabardyr.

Bu ýerde 12 gatly 48 öýli ýaşaýyş jaýlarynyň 6-syny hem-de 72 öýli ýaşaýyş jaýlarynyň 10-syny bina etdik, şolaryň hemmesi ähli ýokary amatlyklary bolan we otaglarynyň ýerleşdirilişi gowulandyrylan öýlerdir. Ýanaşyk ýerlerde ähli degişli düzümler göz öňünde tutulyp, umumy uzynlygy 5 kilometr 564 metre deň bolan täze ýollar çekildi, olar zerur tehniki serişdeler, ýerasty pyýada geçelgeler hem-de ýolagçy ulaglar üçin duralgalar bilen üpjün edildi. Bu ýerdäki köp gatly jaýlarda ähli amatlyklary, şol sanda giň myhman otaglaryny, amatly ýatylýan otaglary, häzirki zaman durmuş enjamlary bilen üpjün edilen aşhanalary, kömekçi jaýlary öz içine al-

Aşgabat – röwşen geljegiň nury

ýan amatlyklaryň doly toplumy göz öňünde tutulan üç, dört we bäş otagly öýler ýerleşdirildi. Şeýle hem zerur ähli durmuş üpjünçilik ulgamlary göz öňünde tutulandyr. Jaýlaryň «akylly öý» ýörelgesi boýunça enjamlaşdyrylandygyny bellemek gerek. Bu ulgam belli bir gündelik işleri adam gatnaşmazdan ýerine ýetirmäge ukyplydyr. Bu ýerde öňdebaryjy tehnologiýalaryň we internet ulgamyna daýanmak bilen şunuň ýaly awtomatlaşdyrylan ulgam öýleriň eýelerine durmuşda ulanylýan enjamlaryň hereket edişine ykjam telefonlar arkaly gözegçilik etmäge mümkinçilik berýär.

Elbetde, geljekde-de her maşgalany aýratyn jaý bilen üpjün etmek maksatlarymyzdan ugur alyp, ýaşaýyş jaý gurluşygyny güýçli depginler bilen dowam etdireris. Paýtagtymyzy ösdürmegiň nobatdaky tapgyrlarynda guruljak ýaşaýyş jaýlary has-da döwrebap bolar. Olarda täze tehnologiýalar, innowasiýalar, sanly ulgamyň mümkinçilikleri has köp ornaşdyrylar. Sebäbi ýaşaýyş jaýlarynyň taslamalary düzülende biz şeýle mümkinçilikleriň göz öňünde tutulmagyna aýratyn üns berýäris. Täze ýaşaýyş jaý toplumlarynyň taslamalarynyň Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalary bolan hususy gurluşyk kompaniýalaryna, hojalyk jemgyýetlerine ynanylmagy türkmen telekeçilerini has hem gujurly zähmet çekmäge, belent ýaşaýyş jaýlaryny öz möhletinde ýokary hilli gurup, ýanaşyk ýerlerini abadanlaşdyryp, ulanmaga taýýar etmäge ruhlandyrýar.

Aşgabat – Zeminiň ýalkymy


TÜRKMEN ATLARY

Gündogaryň göwheri

Aşgabadyň gujagynda «Bagt köşgi»

Sergin howaly şäher

SÖWDA we HYZMAT
Merkezi
Deýma

Köpetdagyň ýaraşygy

RÖWŞEN GELJEGIŇ BINÝADY

Ata-babalarymyz paýhas eleginden, durmuş synaglaryndan geçirip, ýedi hazynany kesgitlänlerinde, «Okasa – oglan» diýmek bilen, olaryň birinjisini bilim, ylym bilen baglapdyrlar. Olaryň döreden «Bilim – bagtyň çyragy», «Bir okana bar, bir-de dokana», «Bilimli il ozar, bilimsiz il tozar» diýen ýaly pähimleri hiç haçan hem öz ähmiýetini ýitirmez. Atabalarymyzyň guran şadöwletlerindäki iri şäherleriniň öz döwründe dünýäniň iň meşhur bilim, ylym ojaklary bolandygyny bilýäris. Bu ugra hemişe-de döwlet tarapyndan goldaw berlipdir. Biz hem häzirki döwürde ýurdumyzda umumy bahasy 37 milliard amerikan dollaryndan hem köp bolan 2,5 müňe golaý iri desganyň gurluşygyny alyp barýarys. Şunda bilim, ylym ulgamyna degişli binalaryň, desgalaryň, ymaratlaryň orny uludyr. Bilim maksatly desgalar ýurdumyzyň beýleki şäherlerinde bolşy ýaly, sebitiň binagärlik merjeni hasap edilýän paýtagtymyzyň täsin keşbini has-da baýlaşdyrýar. Olar paýtagtymyzyň ösüşiň täze belentliklerine çykmagyna, dünýäniň gözel paýtagtlarynyň hataryndaky mynasyp ornuna eýe bolmagyna, ylym, bilim merkezine öwrülmegine öz täsirini ýetirýär.

Paýtagtymyzda gurlup ulanylmaga berlen dolandyryş edara binalary, umumy bilim berýän orta, ýörite orta hünär we ýokary okuw mekdepleriniň, çagalar baglarynyň, ýaşaýyş jaýlarynyň ajaýyp binalary, senagat kärhanalarydyr myhmanhanalar, sport desgalary, söwda we biznes merkezleri, dünýä ölçeglerine laýyk gelýän ulag ýollary, täsin köprüler – bularyň ählisi bütewülikde paýtagtymyzyň, tutuş ýurdumyzyň mundan beýläkki ösüşlerine kuwwatly itergi berýär.

Biz ýurdumyzyň bilim ulgamyny hil taýdan täze derejä çykardyk diýip aýtmaga doly esas bar. Bu ulgam ata Watanymyzyň şöhratly geljegini üpjün etmegiň ygtybarly ýoluny kemala getirip, tehnologiýalaryň, intellektual we döredijilik serişdeleriniň, gurmagyň we döretmegiň, beýik ösüşleriň işjeň dolanyşygy boýunça täze ugry esaslandyrdy. Bilim ulgamynda geçiren özgertmelerimiz netijesinde umumy bilim berýän orta mekdepler okatmagyň 12 ýyllyk usulyna geçirildi, ösen döwrüň talabyna laýyk gelýän orta hünär we ýokary okuw mekdepleriniň birnäçesi täze döredildi, şeýle hem olarda täze döwrebap hünär ugurlary açyldy. Mugallymlaryň iş ýükleri azaldyldy, olaryň zähmet haklary bolsa yzygiderli ýokarlandyrylýar.

Döwrüň öňe çykaran meselelerini bilim ulgamyny ösdürmezden çözmek mümkin däl. Döwür bilen aýakdaş gitmek üçin iň soňky açyşlardan, ylmy täzeliklerden, tehnologiýalardan habarly bolmaly. Olary özleşdirip, durmuşda ulanmagy başarmaly. Bu wezipeler ýaşlarymyzyň paýyna düşýär. Şol sebäpli paýtagtymyzda bilim, ylym ulgamyna degişli işlere biz aýratyn üns berýäris. Geçen sanlyja ýylyň içinde paýtagtymyzda halk hojalygynyň möhüm ugurlary boýunça ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlaýan Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersiteti, Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersiteti, Türkmenistanyň Oguz han adyndaky inžener-tehnologiýalar uniwersiteti, Türkmenistanyň telekommunikasiýalar we informatika instituty, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty, Türkmenistanyň inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalar instituty, Türkmen döwlet maliýe instituty döredildi. Bu ýokary okuw mekdeplerinde taýýarlanylýan hünärmenlere zerurlygy durmuşyň özi öňe çykardy.

Bilim ulgamynda amal edilýän işler dünýä derejesinde täzeçe pikirlenýän, ýokary düşünjeli, döredijilikli zähmete ukyply we geljege uly ynamy bolan, beden hem ruhy taýdan sagdyn, ata Watanymyza wepaly ýaşlaryň kemala getirilmegini üpjün etdi. Şunda paýtagtymyzda sanly ýylyň içinde bilim edaralarynyň täze döwrebap binalarynyň birnäçesiniň gurlandygyny bellemek has-da ýakymlydyr. Olardan başga-da paýtagtymyzda her ýyl döwrebap çagalar baglarynyň birnäçesi, orta we ýörite orta, ýokary okuw mekdeplerinin täze binalary gurulýar. Şol bilim edaralarynyň ählisi hem, ylmyň we



tehnikanyň täze gazananlary, kompýuterler we beýleki ýokary hilli tehniki enjamlary, okuw kitaplary bilen doly üpjün edilýär. Bu işler her bir türkmenistanlynyň syýasy, durmuş, ykdysady we ruhy taýdan döwrebap terbiýelenmegini şertlendirmek bilen bir hatarda, paýtagtymyzyň binagärlik keşbini has-da baýlaşdyrýar.

Paýtagtymyzyň bilim-ylym düzüminiň döwrebaplaşdyrylmagy, ylmy-tehniki ösüşiň iň täze gazananlary bilen üpjün edilmegi, diňe bir ýurdumyzyň mundan beýläkki ösüşine kuwwatly itergi bermän, eýsem, şäherimiziň binagärlik taýdan özboluşly baýlaşmagynda möhüm ähmiýete eýedir. Aşgabatda soňky ýyllarda biz täze döredilen ýokary okuw mekdepleriniň birnäçesiniň okatmagyň iň häzirki zaman serişdeleri bilen üpjün edilen döwrebap binalaryny gurduk. Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň, Türkmen döwlet medeniýet institutynyň, Türkmenistanyň telekommunikasiýalar we informatika institutynyň, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň, Aman Kekilow adyndaky Mugallymçylyk mekdebiniň talyplary we mugallymlary bolsa ýokary hilli tehniki enjamlar bilen üpjün edilen döwrebap binalara göçdüler. Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň birnäçe fakultetleriniň täze binalary hem özbaşdak ylmy şäherçä meňzäp, şäherimize görk berip otyr.

Biz bilim, ylym maksatly binalary şäherimiziň ähli ýerinde gurýarys. Paýtagtymyzyň demirgazyk künjeginde amala aşyrylyjak «Aşgabat-siti» taslamasynyň çäginde hem hersi 3 müň orunlyk umumy bilim berýän mekdepleriň 4-siniň, döwrebap çagalar baglarynyň 4-siniň, Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň, Daňatar

Öwezow adyndaky ýörite sazçylyk mekdebiniň bilim almak, öwrenmek üçin ähli şertleri özünde jemleýän binalarynyň gurulmagy meýilleşdirilýär.

Täze gurlan we gurulýan bilim, ylym maksatly binalaryň ählisiniň hem dünýäniň täze tehniki enjamlary bilen üpjün edilýändigi aýratyn bellenmäge mynasypdyr. Täze gurlan ýokary okuw mekdepleriniň çäklerinde döwrebap umumyýaşaýyş jaýlary, kömekçi desgalary, sport meýdançalary, bedenterbiýe zallary gurlup, bu ugurdaky işler toplumlaýyn amala aşyrylýar. Olarda türkmen ýaşlarynyň ýüzlerçesi döwrebap hünärler boýunça ýokary bilim alýarlar. Okuwa kabul edilýän talyplaryň sany ýyl-ýyldan artdyrylýar. Bu işler ýurdumyzyň geljegi bolan ýaş nesillerimiziň döwrebap ylymly-bilimli bolmagyna giň mümkinçilikleri döredýär. Biz bilimdir ylmyň ösdürilmeginiň ähli babatdaky ösüşleriň berk binýadyny kesgitleýändiginden ugur alýarys. Türkmenistanda ýaş nesliň dünýäniň iň öňdebaryjy tilsimatlaryndan baş çykarýan, ylmyň dünýä derejesinde gazananlaryny başarnykly özleşdirip bilýän hünärmenleriň täze nesli kemala getirilýär. Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleri, şol sanda, paýtagtymyzdaky ähli ýokary okuw mekdepleri milli ykdysadyýetimiziň pudaklary üçin ýokary hünärli işgärleri taýýarlamak ýaly wajyp wezipäni ýerine ýetirýärler. Halkara derejeli ýokary bilimli hünärmenler bolsa daşary syýasatda döwletimiziň milli bähbitlerine wekilçilik edýärler. Bilim ulgamynda amala aşyrýan işlerimiz Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzyň bilimler ýurdy hökmünde dünýäde giňden ykrar edilmegini şertlendirýär.

Başarjaň hünärmenleri ýetişdirmek işlerini kämilleşdirmek üçin biz Bilim ministrliginiň Innowasiýa maglumat merkezini döretdik. Bilim ulgamynyň hukuk esaslary döredildi, olar barha kämilleşdirilýär. Şeýle hem biz «Türkmenistanda çaganyň irki ösüşini we olaryň mekdebe taýýarlygyny ösdürmek babatda 2020 – 2025-nji ýyllarda mekdebe çenli çagalar edaralarynyň işini kämilleşdirmegiň maksatnamasyny» hem-de «Türkmenistanda tebigy we takyk ylmy ugurlara degişli dersleri okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasyny» tassykladyk. On iki ýyllyk umumy orta bilime geçmegiň, sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň, daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň hem-de tebigy we takyk ylmy ugurlara degişli dersleri okatmagyň netijeliligini ýokarlandyrmak, bilim hem-de

terbiýeçilik işlerine okatmagyň öňdebaryjy usullaryny, ylmyň gazananlaryny, innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak babatda alnyp barylýan işleriň netijeliligini ýokarlandyrmak möhüm bolup durýar. Häzirki döwürde biziň ata Watanymyz dünýäniň 200-e golaý ýurdy bilen dostlukly gatnaşyklary alyp barýar. Bu bolsa ýurdumyzda halkara derejesinde ähmiýet berilýän daşary ýurt dilleriniň öwrenilmegini talap edýär. Şu maksat bilen biz Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde, Döwletmämmet Azady adyndaky Milli dünýä dilleri institutynda iňlis, fransuz, italýan, ýapon, hytaý, hindi, arap, pars, türk, koreý, ispan, nemes dilleriniň öwrenmek babatda täze hünärleri açdyk. Umumy bilim berýän orta mekdeplerde hem bu dilleriň okadylmagy ýola goýuldy. Biziň alyp barýan şeýle mazmunly işlerimiz halkara hyzmatdaşlygynyň, ylmyň we tehnologiýalaryň örän çalt depginlerde ösýän döwründe aýratyn ähmiýete eýedir.

Diýarymyzda ykdysadyýetiniň ähli pudaklarynda bolşy ýaly, bilime, ylma hem sanly ulgamyň ornaşdyrylmagyna uly üns berýäris. Şu babatda umumy bilim berýän orta, orta hünär we ýokary okuw mekdeplerinde birnäçe işler amala aşyryldy. Muňa bilim edaralarynyň resmi web-saýtlarynyň işläp başlamagy, elektron kitaphanalaryň döredilmegi, elektron resminama dolanyşygy ulgamyna geçmek ýaly köp sanly işler şaýatlyk edýär.

Ýurdumyzyň abraýly ýokary okuw mekdepleri dünýäniň ösen döwletleriniň meşhur ýokary okuw mekdepleri bilen halkara hyzmatdaşlygy işjeň ösdürýär. Bu işlerde hem sanly ulgamyň mümkinçiliklerinden giňden peýdalanylýar. Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň Moskwanyň Lomonosow adyndaky döwlet uniwersiteti, Döwletmämmet Azady adyndaky Milli dünýä dilleri institutynyň Germaniýanyň Marten Lýuter uniwersiteti bilen hem-de beýleki ýokary okuw mekdeplerimiziň öz hyzmatdaşlary bilen onlaýn usulynda bilelikde geçirýän derslerini muňa mysal hökmünde görkezmek bolar. Onlaýn usulynda geçirilen dersler, internet bäsleşikleri talyplaryň, mugallymlaryň tejribe alyşmaklaryna, kämilleşmeklerine uly ýardam edýär.

Biz talyplarymyzyň halkara derejesinde geçirilýän bäsleşiklerde gazanýan üstünliklerine buýsanýarys. Şeýle bäsleşiklerde ýeňiji bolýan talyplarymyzyň sany ýyl-ýyldan artýar. Türkmen talyplarynyň gazanýan üstünlikleri amala aşyrýan işlerimiziň netijeliligini görkezýär.

Biz geljekde ýene-de paýtagtymyzda täze ýokary okuw mekdepleriniň birnäçesini açmaklygy, olaryň täze binalaryny gurmaklygy, bilim, ylym edaralarynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny has-da kämilleşdirmegi meýilleşdirýäris. Paýtagtymyzda ýetişdirilýän milli hünärmenleriň ýurdumyzyň ösüşlerine mynasyp goşant goşjakdyklaryna berk ynanýaryn.

Gözelligiň nusgasy sen, Aşgabat!



Medeniýet halkyň kalbydyr

MEDENI HAZYNANYŇ JEMLENEN ŞÄHERI

Biziň ajaýyp paýtagtymyz juwan şäher hasaplanylýar. Täzeçilligiň, ýagny binagärlikde, ylymda we tehnikada, syýahatçylykda, saglygy goraýyşda, sportda we beýleki köp ugurlarda adamzadyň täze gazananlarynyň örän çalt depginlerde oýlanyşykly durmuşa ornaşdyrylýan şäherine öwrüldi. Türkmen paýtagty beýik ösüşleriň ajap eýýamyny başdan geçirýär. Aşgabadyň we onuň töwereklerinin özboluşly taryhy hem asyrlaryň jümmüşine uzalyp gidýär we gürrüňsiz, türkmen halkynyň taryhy bilen baglanyşyklydyr. Şäheriň etegindäki gadymy Nusaý galasy hem munuň aýdyň subutnamasydyr. Häzirki wagtda onuň täsin desgalary bütindünýä ähmiýetli gymmatlyklar hasaplanylýar. Gadymy Parfiýanyň sungat eserleriniň uly toplumy ýurdumyzyň Döwlet muzeýiniň buýsanjy bolup durýar. Ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň belli taryhçylary, arheologlary we beýleki hünärmenleri häzirki Aşgabadyň çägindäki oturymly ýerleriň neolit eýýamyna, ýagny biziň eýýamymyzdan ozalky VI asyra degişlidigini subut etdiler. Taryh ylmynyň, taryhçylaryň gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde Aşgabadyň töwereklerindäki gadymy galalaryň, oturymly ýerleriň Beýik Ýüpek ýoly döwründe-de uly meşhurlyga eýe bolandygy subut edildi.

Dünýäniň beýleki paýtagt şäherlerinde bolşy ýaly, Aşgabatda hem iň iri medeni ojaklar jemlenendir. Bu ulgamyň işgärleri üçin ähli düzümleri, ýokary we orta hünär okuw mekdepleri, sport, dynç alyş desgalaryny, ähli amatlyklary bolan ýaşaýyş jaýlaryny özünde jemleýän Medeniýet şäherçesini gurandygymyz hem köp zatdan habar berýän bolsa gerek. Medeniýet ulgamyna degişli ugurlar

boýunça hünärmenleri taýýarlamak üçin ýörite ugurly ýokary okuw mekdepleriniň üçüsi – Türkmen döwlet medeniýet instituty, Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasy, Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasy Aşgabat şäherindedir. Olardan başga-da Türkmen döwlet medeniýet we sungat mekdebi, ýörite sazçylyk we sungat mekdepleriniň birnäçesi türkmen ýaşlaryny ussat hünärmenler edip ýetişdirýär.

Poligrafiýa ugrundan milli hünärmenleri ýetişdirmek maksady bilen, biz Neşirýat-çaphana orta hünär okuw mekdebini, türkmen telewideniýesinde işlejek hünärli ýaşlary ýetişdirmek üçin bolsa «Mawy yşyk» hünär mekdebini döretdik.

Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkezi özüniň täze gurlan ajaýyp binalar toplumy bilen şäheriň Köpetdagy etekläp oturan böleginde ýerleşýär. Onuň düzümine Mukamlar köşgi, Döwlet muzeýi, Döwlet kitaphanasy girýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda gurlan Döwlet muzeýiniň we paýtagtymyzdaky beýleki muzeýleriň zallarynda Nusaýda, Abywertde, Änewde, Durunda we beýleki taryhy-medeni ýadygärliklerde geçirilen gazuw-agtaryş işleriniň barşynda ýüze çykarylan gymmatly arheologik tapyndylar

ýerleşdirildi. Şol tapyndylar Türkmenistanyň paýtagtynyň taryhynyň gadymy döwürlerden gözbaş alýandygyna şaýatlyk edýär. Muzeýleriň gaznalarynda XVII – XIX asyrlaryň däp bolan senetçilik döredijiliginiň hem-de halk sungatynyň ajaýyp eserleri ýerleşýär. Döwlet muzeýiniň eksponatlary, dürli döwürlere degişli muzeý gymmatlyklary ýurdumyzda hem, halkara derejesinde hem uly gyzyklanma döredýär. Germaniýanyň dürli şäherlerinde üstünlikli geçen göçme sergi onuň şeýledigini aýdyň subut etdi. Paýtagtymyzdaky Türkmen halysynyň milli muzeýiniň dünýädäki şeýle

muzeýleriň ýeke-tägidigini bellemelidiris. Bu ýerde dürli döwürlere degişli halylaryň iň gowy nusgalarynyň ýüzlerçesi ýerleşýär. Olaryň iň gadymy görnüşi has irki döwürlere degişlidir. Bu ýerde dünýädäki iň uly haly saklanýar. Döwrüň üýtgemegi bilen biz muzeý işinde hem sanly ulgamyň mümkinçiliklerini ornaşdyrmaga uly ähmiýet beräris. Bu talaplarymyz Türkmenistanyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Şekillendiriş sungaty muzeýine hem degişli bolup durýar. Türkmen hünärmenleriniň amala aşy irtual gezelenç taslamasy gyzyklanma döredýär.

Baý kitap goruny özünde jemleýän kitaphanalaryň toplumyndan düzülen Döwlet kitaphanasy paýtagtymyzyň ilatynyň iň bir köp gelýän ýerleriniň biri. Biz kitaphanalary döwletiň hasabyna täze kitaplar bilen üpjün etmek üçin «Galkynyş» kitap merkezini döretdik. Ýurduň ähli kitaphanalarynyň arasynda Birleşdirilen elektron kitaphana ulgamynyň hereket etmegi bolsa, okyjylara sanly ulgamyň mümkinçiliklerinden peýdalanmakda amatlyklary döredýär.

Paýtagtymyzda ýerleşen alty sany teatryň dördüsiniň binalaryny täze gurduk. Beýleki ikisiniň binalaryny bolsa häzirki zamanyň talaplaryna laýyklykda döwrebaplaşdyrdyk. Bulardan başgada Türkmenistanyň döwlet sirki, Oguz han adyndaky «Türkmenfilm» kinostudiýasy halkymyza hyzmat edýär. Olarda türkmen kino we teatr sungatynda özboluşly yz goýan halypa artistleriň birnäçe nesli ýetişdi. Olar hem öz gezeginde «Halypa – şägirt» usulynda işläp, türkmen ýaşlaryndan sungat ussatlaryny ýetişdir-

ýärler. Biziň Türkmenistanyň döwlet sirkinde döreden «Galkynyş» at üstündäki milli oýunlar toparymyz örän gysga wagtyň içinde dünýä derejesinde meşhurlyk gazanmagy başardy. Şonuň üçin bu toparyň çykyşlarynyň, şäherdäki kinoteatrlaryň, kinokonsert merkezleriniň mydama-da tomaşaçylary ýetik bolýar.

Biz medeniýet ulgamynyň ösdürilmegi üçin hemişe alada edýäris. gadymy mirasymyzy, milli däp-dessurlarymyzy, edebi mirasymyzy, nusgawy şahyrlarymyzyň eserlerini halkymyzda ýetirmekde kitap çap etmek, neşirýat-çaphana işiniň uly ähmiýeti bardyr. Biz bu işi has döwrebaplaşdyrmak maksady bilen iň häzirki zaman tehnologiýalar we döwrebap enjamlar oturdylan Metbugat öýi toplumyny gurduk. Onda sanly ulgamyň mümkinçiliklerinden peýdalanmak üçin birnäçe döwrebap program-

Metbugat – döwrüň aýnasy

malar hem ornaşdyryldy. Bu ulgamyň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmäge döwletimiz hemişe-de üns berýär.

Köpetdagyň gerşinde, deňiz derejesinden 1 müň mertden gowrak belentlikde «Türkmenistan» teleradioýaýlymlar merkezini gurduk. Onuň esasy böleginiň Oguz hanyň ägirt uly sekiz gyraňly ýyldyzyndan ybaratdygy hem ýöne ýerden däldir. Gijelerine bu desganyň dürli reňklerde öwüşgin atmagy gaýtalanmajak täsin gözellik döredýär.

Aşgabat bu günki gün gözel baglara beslenen täsin seýilgähleriň, ajaýyp gülleriň şäheri hökmünde dünýäde uly meşhurlyga eýedir. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe paýtagtymyzda owadan seýilgähleriň onlarçasy döredilip, olaryň sany häzirki wagtda 68-e ýetdi.

Paýtagtymyzyň taryhy merkezinde ýerleşen «Ylham» seýilgähi soňky ýyllarda döredilen ençeme seýilgäh toplumlarynyň ýyldyzy hasaplanylýar. Ol paýtagtymyzyň Görogly köçesiniň we Magtymguly şaýolunyň aralygyndaky meýdançada uzalyp gidýär. Bu seýilgäh toplumynda esasy maksat monumental heýkeller arkaly halkymyzyň taryhynyň, medeniýetiniň we ruhy baýlygynyň özboluşly ýyl ýazgysyny döretmekden yba-

ratdyr. Onuň mazmunynda milli mirasyň dürli ugurlary – ylmy pikiri, filosofiýasy, nusgawy şygryýeti, häzirki zaman edebiýaty jemlenendir.

Bu heýkel-seýilgäh toplumyny gurmak bilen, biz uzak geçmişde hem-de XX asyrda ýaşap geçen beýik şahsyýetleriň – medeniýet we ylym işgärleriniň, alymlaryň hem-de akyldarlaryň atlaryny ebedileşdirdik. Olaryň hatarynda Abu Bekir Al-Suly, Mäne baba, Mahmyt Zamahşary, Abu Ali ibn Sina, Biruni, As Sarahsy, Nejmeddin Kubra, Hoja Ahmet Ýasawy, Ýunus Emre, Azady, Zelili we Seýdi, Kemine, Nowaýy we Omar Haýýam, Andalyp, Mollanepes we Mätäji, Abdyrahman han we Baýram han ýaly beýik şahsyýetler we beýlekiler bar. Türkmenistanyň täze taryhynyň ajaýyp şahsyýetlerine bagyşlanan böleginde bolsa, Berdi Kerbabaýewiň, Aman Kekilowyň, Beki Seýtäkowyň, Gara Seýitliýewiň, Kerim Gurbannepesowyň, Ata Gowşudowyň, Nurmyrat Saryhanowyň, Gurbannazar Ezizowyň we beýlekileriň heýkelleri ýerleşdirildi. Biz geljekde bu sanawy has-da artdyrarys. Paýtagtymyzda gurlan ähli seýilgähleriň dürli döredijilik duşuşyklarynyň, konsertleriň, söhbetdeşlikleriň geçirilýän, ilatyň gezelenç edip, dynç alýan ýerine öwrülmegi olaryň niýetlenilişiniň ýerine düşendigini aňladýar.

Biz paýtagtymyzda döredijilik merkezleriniň birnäçesini gurduk. Olaryň iň döwrebaplarynyň biri hökmünde Jahan döredijilik merkezini agzap bilerin. Bu ýerde tansçylar, aýdymçylar, sazandalar-kompozitorlar üçin ähli şertler döredildi.

Aşgabatda geçirilen halkara derejesindäki medeni çäreleriň ählisiniň hem özboluşlylygy, guramaçylygy bilen tapawutlanýandygyny olara gatnaşan ýokary derejeli myhmanlar tekrarlaýarlar. Paýtagtymyzda geçirilen halkara çäreleriniň hatarynda däbe öwrülen dürli festiwallary, daşary ýurtlaryň medeniýet we kino günlerini, halkara ylmy maslahatlary görkezmek bolar.

TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET MEDENIÝET MERKEZIŇ DÖWLET MUZEÝI

Ýüregi sen ýurdumyň!

Joş aldym baglaryňdan

Aşgabat – mähir mukamy

SAGLYK: ÝAŞAÝŞYŇ AMATLYLYGYNYŇ ESASY ŞERTI

Islendik ösüşiň esasy hereketlendiriji güýji jemgyýetdir. Jemgyýetiň hereketlendiriji täsiri bolsa, onuň her bir agzasynyň hem-de tutuşlygyna bitewüliginiň ylym-bilim kämilligine, aň-düşünje sagdynlygyna, dünýägaraýşynyň giňligine hem beden taýdan sagatlygyna baglydyr. Şu nukdaýnazardan ugur alsak, depginli ösüşleri özüne hemra hem maksat, belent derejelere ýetmegiň ygtybarly serişdesi hökmünde saýlap alan döwletimizde ynsan saglygy barada edilýän belent aladany ynsanperwerligiň ajaýyp nusgasy bilen deň hatarda, döwlet ösüşiniň aýratyn möhüm ugry hökmünde kabul edip bolar.

Biz Türkmenistan Watanymyzda adamlaryň saglygyny gorap saklamagy döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hökmünde kesgitledik. «Saglyk» Döwlet maksatnamasy bolsa adamlaryň saglygyny berkitmekde, keselleriň öňüni almakda, iň esasan hem, ýurtda ynsan ömrüniň dowamlylygyny uzaltmagy üpjün etmekde esasy ýol-ýörelgedir. Özem biz şunda islendik keseli bejermek möhüm, ýöne keseliň öňüni almak, onuň döremezligi üçin degişli işleri geçirmek hasda möhüm diýen ýörelgeden ugur aldyk.

Häzirki wagtda Bütindünýä Saglygy goraýyş guramasynyň talaplaryna laýyk gelýän saglygy goraýyş ulgamyny döretmek Türkmenistanda doly amala aşyryldy. Ylaýta-da çagalaryň we eneleriň saglygyny goramak, köp ýaýraýan keselleriň ep-esli derejede azalmagyny, ýokanç keselleriň

sanynyň düýpgöter kemelmegini gazanmak, sagdyn durmuş ýörelgelerini durmuşa ornaşdyrmak, ilatymyzy ýurdumyzda bitýän dermanlyk ösümlikleriň hem-de ýerli çig mallaryň hasabyna öndürilýän dermanlar bilen üpjün etmek, dünýä ülňülerine gabat gelýän ýokary tehnologiýaly hassahanalaryň gurulmagy ýaly köpsanly işler türkmen lukmançylygynyň milli ýörelgesiniň kemala gelendigini subut etdi.

Biz ýurdumyzyň saglygy goraýyş edaralarynyň mümkinçiliklerini netijeli ulanmak, olary ösdürmek we innowasion ugurlara gönükdirmek boýunça işlerimizi ýene-de dowam etdirýäris. Häzirki wagtda saglygy goraýyş ulgamy ösen pudak bolmak bilen, ýurdumyzyň ykdysady ösüşine uly goşant goşýar. Elbetde, paýtagtymyzyň saglygy goraýyş ulgamyna şu babatda esasy orun degişlidir. Bu ulgamyň öňünde ilaty ýokary hilli bejeriş-öňüni alyş hyzmatlary bilen üpjün etmek, adamlaryň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da ýokarlandyrmak boýunça degişli işleri amala aşyrmak wezipesi durýar.

Biz ulgamy ösdürmegiň, şol sanda hereket edýän saglygy goraýyş edaralaryny kämilleşdirmegiň, bar bolan tebigy, önümçilik we zähmet serişdelerini amatly peýdalanmagyň netijesinde, keselleriň öňüni alyş, anyklaýyş we bejeriş usullarynyň ileri tutulýan ugurlaryny kesgitledik. Dünýä derejesinde enjamlaşdyrylan hassahanalaryň we saglyk merkezleriň, köp sanly sagaldyş-dynç alyş öýleriniň, sport desgalaryň, şypahanalaryň, anyklaýyş-bejeriş edaralaryň gurulmagy Türkmenistan döwletimizi hakykatdan-da, sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurduna öwürýär.

Biz Saglygy goraýyş we derman senagaty pudagyny ösdürmegi birnäçe ugurlar we tapgyrlar boýunça alyp barýarys. Tutuş ýurdumyzda, şol sanda, paýtagtymyz Aşgabat şäherinde ulanylmaga berlen döwrebap hassahanalar we merkezler, şypahanalaryň täze binalary ýaly saglygy goraýyş edaralarynyň halkymyza hyzmat etmegi, türkmen topragymyzda ösýän der-

Aşgabat – sagdynlygyň mekany

man otlardan dürli derman serişdelerini öndürýän kärhanalar şol ugurlaryň esasy bölegini düzýär.

Paýtagtymyz Aşgabat şäherinde Bütindünýä saglygy goraýyş guramasynyň Ýokanç däl keselleriň öňüni almagyň we olar bilen göreşmegiň Saglyk-2020 syýasatynyň çäginde, Ýewropa ministrler maslahatynyň geçirilendigini nygtamak gerek. Maslahatyň esasy resminamasy bolan Aşgabat Jarnamasyna gol çekildi. Biz Türkmenistanda ýokanç däl keselleriň öňüni almak we olaryň garşysyna göreşmek boýunça Aşgabat Jarnamasynda bellenen wezipeleri 2014 – 2020-nji ýyllarda amala aşyrmagyň Milli strategiýasyny tassykladyk we ony üstünlikli amala aşyrdyk.

Gysga döwrüň içinde Aşgabatda Halkara saglyk merkezleri müdiriýetiniň Halkara kardiologiýa merkezi, Halkara iç keselleri merkezi, Halkara Saglygy goraýyş anyklaýyş merkezi, «Ene mähri» merkezi, Kelle we boýun kesellerini bejeriş halkara merkezi, Göz kesellerini bejeriş halkara merkezi, Stomatologiýa merkezi, Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň binalar toplumy, Ýokanç keselleri merkezleri müdiriýeti, Şikesleri bejeriş halkara merkezi, «Gaýragoýulmasyz tiz kömek» merkezi, Kardiologiýa ylmy-kliniki merkezli hassahanasy, Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş ylmy-kliniki merkezi, Saglygy goraýyş awtoulaglary kärhanasy, Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň Jemgyýetçilik saglygy we iýmit merkezi, Halkara Newrologiýa merkezi, Halkara okuw-ylmy merkezi, Morfologiýa merkezi, Aýratyn ýokanç keselleriň öňüni alyş merkezi, Halkara endokrinologiýa we hirurgiýa merkezi ýaly iri desgalar gurlup, ulanylmaga berildi. 2020-nji ýylda bolsa paýtagtymyzda Halkara ýanyk şikeslerini bejeriş merkeziniň, Halkara estetiki merkeziniň, köp gatly awtoduralganyň binalaryny ulanmaga berdik. Olarda dünýäniň iň kämil we döwrebap hasap edilýän lukmançylyk enjamlary oturdyldy. Şeýle halkara merkezlerini dolandyrjak, işletjek milli hünärmenleri, çylşyrymly operasiýalary edip bilýän ussat lukmanlary taýýarlamakda, biz

halkara hyzmatdaşlygyna aýratyn üns beryäris. Telelukmançylygy, sanly ulgamyň mümkinçiliklerini giňden ulanmak arkaly Germaniýaly lukmanlar bilen ýola goýlan netijeli hyzmatdaşlygy onuň mysaly hökmünde görkezip bolar.

Halkara derejesinde alyp barýan işlerimiziň netijesinde türkmen lukmanlary dünýäniň ösen ýurtlaryna gidip, hünär kämilligini ýokarlandyrýarlar. Saglygy goraýyş ulgamyna degişli paýtagtymyzda geçirilýän halkara derejesindäki ylmy-amaly maslahatlarda, konferensiýalarda diňe bir ýurdumyzyň ilaty üçin däl, eýsem, sebitiň we dünýä halklarynyň bähbidini araýan meseleler oňyn çözgüdini tapýar.

ENDOKRINOLOGIÝA
HIRURGIÝA MERKEZI

HALKARA ÄHLI MÄNRI MERKEZI

HALKARA YANYK ŞIKESLERINI BEJERIŞ MERKEZI

Biz paýtagtymyzda lukmançylyk şäherçesini gurduk. Ol ýerleşen ýeri, düzümine girýän desgalary bilen haýran galdyrýar. Onda ýokarda agzalan saglygy goraýyş merkezleriniň köpüsi, mekdepler, çagalar baglary we beýleki durmuş maksatly binalar bilen birlikde, ýaşaýyş jaýlary hem bar. Olarda we paýtagtymyzy ösdürmegiň ähli tapgyrlarynda gurlan, ähli amatlyklary bolan jaýlarda bu ulgamyň işgärleriniň maşgalalary ýaşaýarlar. 2020-nji ýylda Aşgabadyň günbatar böleginde gurlup ulanylmaga berlen, «akylly öý» ýörelgesi boýunça enjamlaşdyrylan belent ýaşaýyş jaýlarynda saglygy goraýyş ulgamynyň işgärleri hem jaý toýlaryny tutdular.

Saglygy goraýyş ulgamyna sanly ulgamyň mümkinçilikleri has giňden ornaşdyrylýar. Häzir Aşgabat şäheriniň saglygy goraýyş edaralarynyň ählisi elektron resminamalary dolandyryş ulgamy boýunça işleýärler. Şäheriň ýaşaýjylary saglygy goraýyş elektron kartlar bilen doly üpjün edildi.

«Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň kabul edilen ýylynda Aşgabat şäherinde jemi 9 sany saglyk öýi hereket eden bolsa, indi saglyk öýleriniň sany 16-a ýetdi. Bu işler maşgala lukmançylygynyň has-da kämilleşmegine giň mümkinçilik döretdi. Ilaty saglygy goraýyş kömegi bilen üpjün etmäge ähli mümkinçiligi bolan bu saglyk öýlerinde işleýän maşgala lukmanlary birnäçe ykjam anyklaýyş enjamlary bilen üpjün edilendir. Bu enjamlaryň kömegi bilen maşgala lukmanlary öý şertlerinde hem barlag we anyklaýyş işlerini doly derejede geçirip bilýärler.

Biz Aşgabat şäherinde şonuň ýaly ähli mümkinçilikleri bolan 5 sany täze saglyk öýüni gurmagy meýilleşdirýäris.

«Gaýragoýulmasyz tiz kömek» merkeziniň gurulmagy bilen bu ulgamyň işi has-da kämil derejä çykaryldy. Biz ilata hyzmat etmäge niýetlenen täze «Tiz kömek» awtoulaglaryny, dikuçarlary yzygiderli satyn alýarys. Bu işler geljekde hem döwletimiz tarapyndan amala aşyrylar.

HALKARA OKUWY

Abadan durmuşyň öwüşginleri

SPORTUŇ, SAGDYNLYGYŇ WE RUHUBELENTLIGIŇ ŞÄHERI

Biz Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýaşlaryň sagdyn bedenli kämil şahsyýetler bolup ýetişmegi ugrunda giň gerimli işleri durmuşa geçirýäris. Sebäbi sport we bedenterbiýe şahsyýetiň sazlaşykly kemala gelmeginde, saglygyny, beden we akyl-paýhas ukyplaryny berkitmäge gönükdirilen durmuş gymmatlyklarynyň biri hökmünde halkymyzyň ýokary medeniýetiniň düzüm bölegi bolup durýar.

Türkmenistan deňhukukly, ýokary netijeli halkara hyzmatdaşlygyny syýasatda, ykdysadyýetde we medeni-ynsanperwer, sport, syýahatçylyk we ençeme beýleki ugurlarda üstünlikli amala aşyrýar. Halkara sport ýaryşlarynyň geçirilmeginiň halklaryň arasyndaky dost-doganlyk gatnaşyklaryny pugtalandyrýan netijeli halk diplomatiýasydygy baradaky belent maksatlardan ugur alnyp, häzirki döwürde biz sport hyzmatdaşlygyny giň gerimde ýaýbaňlandyrýarys. Ýaşlaryň bedenterbiýe bilen meşgullanmagy, olaryň sagdyn durmuş ýörelgelerine eýermegi hem-de jemgyýetimizde sportuň ösdürilmegi ýurdumyzda ileri tutulýan ugurlaryň hatarynda durýar. Geçen sanlyja ýyllarda ýurdumyzda iri möçberli halkara sport ýaryşlarynyň birnäçesi üstünlikli geçirildi.

Biz taryh üçin gysga döwrüň içinde ýurdumyzda halkara sport çärelerini ýokary derejede geçirmäge mümkinçilik berýän hem-de dünýä ölçeglerine kybap gelýän döwrebap sport toplumlaryny we desgalaryny, şol sanda 2017-nji ýylda Aşgabatda «Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlarynyň» geçirilen ýeri



Galkyp ganat gerdigim,
Sap söýgüden gurdugym.

bolan, sebitde deňi-taýy bolmadyk Olimpiýa şäherçesini gurduk. Munuň özi Türkmenistanyň ýokary derejeli sporty we bu ugurda halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmäge aýratyn ähmiýet berýändiginiň aýdyň mysalydyr. Olimpiýa şäherçesi 157 gektar meýdanda ýerleşýär. Ol 40-dan gowrak dürli sport desgalaryny, şol sanda ýaşaýyş-durmuş, ulag we beýleki üpjünçilik ulgamlaryny öz içine alýar.

Bu halkara sport ýaryşlarynda türgenleriň 6000-den gowragy sportuň 21 görnüşi boýunça ýaryşdylar. Ýaryşlara biziň teklibimiz boýunça ilkinji gezek sportuň konkur we türkmen göreşi görnüşleri hem goşuldy. Bu bolsa türkmen sportunyň gazanýan üstünlikleriniň dünýä dolýandygyny ýene bir sapar subut etdi. Bäsleşikleriň dowamynda dünýäniň 82 ýurdundan 550-den gowrak habar beriş serişdeleriniň wekilleri gatnaşdy. Paýtagtymyza 35 müňden gowrak daşary ýurtly myhmanlar gelip, olaryň arasynda döwlet ýolbaşçylary, onlarça döwletleriň ministrlikleriniň ýolbaşçylary, şeýle-de, abraýly syýasy we jemgyýetçilik işgärleri gatnaşdy. Milli ýygyndy toparymyzyň wekilleriniň V Aziýa oýunlarynda üstünlikli çykyş edip, 89 altyn, 70 kümüş, 86 bürünç, jemi 245 medal gazanyp, berkarar döwletimizde sportuň güýçli ösendigini, ýokary başarnykly ussat türgenlerimiziň ýetişýändigini bütin dünýä äşgär edilendigini aýratyn buýsanç bilen bellemek isleýärin. Bu oýunlar parahatçylyk, döredijilik, ösüş ýoly bilen ynamly öňe barýan Garaşsyz döwletimiziň belent abraý-mertebesi üçin hem, dünýä bileleşigi üçin hem aýratyn ähmiýetli taryhy wakalaryň biri boldy.

Aşgabatda geçirilen V Aziýa oýunlary sagdynlygyň we ruhubelentligiň mekany bolan Garaşsyz Watanymyzyň tutuş dünýä açyklygyny, netijeli we deňhukukly gatnaşyklara ygrarlydygyny, ýurdumyzyň ägirt uly sport mümkinçilikleriniň bardygyny ýene-de bir gezek aýdyň äşgär etdi. Türgenleriň gazanan ýeňişleri, üstünlikleri, başarnyklary, döredilen ýokary şertler we guramaçylyk, bularyň ählisi, V Aziýa oýunlarynyň many-mazmunyny, ähmiýetini hem has belent derejelere çykardy.

Bitarap döwletimiziň halkara sport abraýynyň yzygiderli artýandygyna şaýatlyk eden bu taryhy wakalar merdana ha-

Olimpiýa şäherçesi. Monorels ýoly



lkymyzy beýik işlere, belent maksatlara ruhlandyrýar. Biziň her birimizde şatlykly duýgulary döredip, ýatdan çykmajak täsirleri galdyrýar. Halkymyzyň agzybirligini we jebisligini pugtalandyrýar. Men Garaşsyz ýurdumyzda sportuň beýik geljegine merdana ýaşlarymyzyň ynamynyň berkdigine buýsanýaryn.

«Aziada 2017: Parahatçylygyň we ösüşiň ugrunda halkara sport hyzmatdaşlygy» atly Halkara sport kongresiniň Jarnamasynyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 71-nji mejlisiniň resminamasy hökmünde kabul edilendigini hem aýratyn bellemek gerek. Birleşen Milletler Guramasynyň Adam hukuklary baradaky Geňeşiniň Şweýsariýanyň Ženewa şäherinde geçirilen 36-njy mejlisinde bolsa, biziň öňe süren başlangyjymyz boýunça «Parahatçylygy we adam hukuklaryny berkitmekde Bosgunlaryň olimpiýa toparlarynyň goşýan uly goşandyny höweslendirmek hakyndaky» Jarnama biragyzdan kabul edildi. Bularyň ählisi, Bitarap Türkmenistanyň dünýädäki



Aşgabat – halkara sport ýaryşlarynyň mekany

abraýynyň barha artýandygyny, halkara sport giňişliginde aýgytly gadam uryandygyny ykrar edýän taryhy wakalardyr.

2018-nji ýylyň noýabr aýynda biz paýtagtymyzda Agyr atletika boýunça dünýä çempionatyny geçirdik. Bu waka Aşgabadyň halkara sport merkezine öwrülendiginiň ýene bir ýola ykrarnamasy boldy. On günüň dowamynda Olimpiýa şäherçesiniň söweş sungaty toplumynda geçen bu halkara sport çäresinde tolgundyryjy pursatlar örän köp bolup, dünýä rekordlarynyň üsti täze görkezijiler bilen ýetirildi. Olaryň hatarynda 45 kilograma çenli agram derejesinde çykyş eden talyp türgen gyzymyz Ýulduz Jumabaýewanyň altyn medallaryň ikisine eýe bolmagy, ýetginjekleriň arasynda dünýä rekordyny täzeläp, Dünýäniň çempiony diýen belent ada mynasyp bolmagy türkmen sportunyň abraýyny ýene bir ýola belende galdyryp, dünýä derejesindäki ornuny has-da pugtalandyrdy. Men meşhur türgenimize mynasyp bolan altyn medallarynyň gowşurylyş dabarasynda türkmen ýaşlarynyň gujur-gaýratyna, tutanýerliligine, erjelligine buýsanýandygymy, ata Watanymyzyň olardan ýene-de köp üstünliklere garaşýandygyny aýtdym. Bu dabara biziň üçin özboluşly toýa öwrüldi. Biz şol gün toý-dabaramyzy ýene dowam etdirdik. Ussat türgeni, onuň tälimçisini döwlet sylaglary bilen sylagladyk. Olara sowgat berlen awtoulagyň, öýüň açarlaryny gowşurdyk. Men bu işlerimiziň türkmen spor-

tuny ösdürmäge, ýaşlary köpçülikleýin we ýokary netijeli sporta höweslendirmäge ýardam etjekdigine ynanýaryn.

Biziň türgenlerimiziň beýleki döwletlerde geçirilýän halkara ýaryşlaryna gatnaşyp, ýokary netijeleri gazanýandyklarynyň mysaly başga-da köp. Olaryň biri hökmünde sportuň ýurdumyzda ozal bolmadyk görnüşi hokkeý boýunça üstünliklerimize salgylanmakçy. Hokkeý boýunça geçirilen dünýä çempionatynda türgenlerimiz üstünlikli çykyş etmegi başardylar. Hokkeý boýunça Bosniýa we Gersegowinada geçirilen dünýä çempionatynyň III diwizionynyň saýlama tapgyrynda Türkmenistanyň ýygyndy topary diýseň üstünlikli çykyş etdi. Ildeşlerimiz geçiren 3 duşuşygynda-da uly hasaply ýeňişler gazandy. Türkmen hokkeýçileri geljek ýyl geçiriljek çempionatyň III diwizionynda çykyş etmek hukugyna eýe boldy. Bu bolsa ata watanymyzyň yssy ýurtdugyna garamazdan, oýunlaryň hokkeý görnüşiniň ösdürilýändigini hem aýdyň görkezýär. Indoneziýanyň paýtagty Jakarta hem-de Palembang şäherlerinde yklymyň iň uly sport çäresi bolan XVIII tomusky Aziýa oýunlary geçirildi. Yklymyň ähli ýurdundan 12 müňe golaý türgeniň gatnaşan oýunlarynda ildeşlerimiz hem 3 medal gazandy.

Türkmenistan şu ýyl hem iki sany uly halkara sport ýaryşlaryny ýokary guramaçylykly geçirmäge uludan taýýarlyk görýär. Olaryň biri Tennis boýunça Dewisiň Kubogy ugrundaky halkara ýaryşyň tapgyry sentýabrda Aşgabat şäherindäki Olimpiýa şäherçesiniň Tennis toplumynda geçiriler.

Aşgabatda «Bagtyýarlyk» sport toplumynyň hem-de «Aşgabat» stadionynyň ýanynda tennis meýdançalaryny gurduk. «Bagtyýarlyk» sport toplumynyň meýdany 38 müň inedördül metrden gowrak. Toplumyň düzüminde ýüzülýän howuzlary, şol sanda çagalar üçin howuzlary hem-de iki sany akwaparky bolan toplum, futbol meýdançasy, tennis meýdançasy, gimnastika we boks zallary, bilýard, woleýbol, basketbol we gandbol oýunlary üçin zallar, iki sany türgenleşik zaly, toparlaryň pökgüli oýunlary üçin üsti açyk sport meýdançasy girýär. «Aşgabat» stadionynyň ýanyndaky tennis meýdançasynyň umumy meýdany 11 müň 242 inedördül metr bolup, onda merkezi meýdança we standart ölçegli türgenleşik meýdançalary ýerleşdirilendir. Olar ýokary derejeli oýunlary geçirmäge doly

mümkinçilik berýär. Tomaşaçylar üçin orunlar bolsa 560 adama niýetlenendir.

Şu ýyl Aşgabatda geçiriljek ýene bir uly halkara sport ýaryşy Welotrek boýunça dünýä çempionatydyr. 2021-nji ýylyň oktýabr aýynda Aşgabat şäherindäki Olimpiýa şäherjiginiň Welotrek sport toplumynda Welotrek boýunça dünýä çempionatynyň geçirilýändigi diňe bir sport söýüjiler üçin däl, eýsem, ähli ildeşlerimiz üçin hem gyzykly täzelikdir.

Welosiped sporty – saglygyny berkitmekde, bedeni taplamakda oňyn ähmiýete eýe bolup durýar. Türkmenistanda welosportuň ähli görnüşleriniň ösmegi üçin örän amatly şertleriň bardygyny aýratyn bellemek gerek. Olimpiýa şäherçesiniň ýapyk Welotrek desgasy hem onuň üstüni ýetirýär. Ýokary ölçeglere laýyk gelýän desgada halkara ýaryşlary we dünýä çempionatlaryny hem geçirmek üçin mümkinçilikler bar. Welotrek desgasynda 6 müň orunlyk ýer bolup, onda tomaşaçylaryň bäsleşiklere amatly ýagdaýda syn etmegi üçin ähli şertler döredilendir.

Türkmenistanyň başlangyjy esasynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 72-nji sessiýasynyň 2018-nji ýylyň 12-nji aprelinde geçirilen 82-nji mejlisinde ýörite Rezolýusiýa kabul edilip, her ýylyň 3-nji iýuny – Bütindünýä welosiped güni diýlip yglan edildi. Dünýäniň 56 döwletiniň bu Rezolýusiýanyň awtordaşy bolup çykyş etmegi, bütin dünýäde welosiped sportuna aýratyn ähmiýet berilýändiginiň aýdyň nyşanydyr. Her ýylyň 3-nji iýunynda ýurdumyzyň ähli künjeklerinde bu şanly sene mynasybetli dürli çäreler, welosipedli ýaryşlar, ýörite sergilerdir döredijilik bäsleşikleri geçirilýär. 2019-njy ýylda Aşgabatdaky Olimpiýa şäherçesinde 2019 welosipedçileriň gatnaşmagynda geçirilen «Iň dowamly bir nyzamly welosipedli ýöriş» Ginnesiň rekordlar kitabyna girizilendigini bellemek has ýakymlydyr.

Aşgabat şäheriniň günortasynda, Köpetdagyň eteginde «Welosiped» binasyny gurduk. Munuň özi biziň ýurdumyzda Bütindünýä welosiped gününe aýratyn ähmiýet berilýändigini aňladýar. Diametri 80 metre deň bolan we beýikligi 35 metre ýetýän bu bina tutuşlygyna halkymyzyň milli gymmatlyklaryny özünde şöhlelendirýär. Binada ýerleşdirilen Ýer şarynyň bir tarapynda gadymy türkmen sähralaryndan geçen kerwen ýollarynyň,

taryhy ýadygärlikleriň, ulag-üstaşyr geçelgeleriň şekilleri ýerleşdirilendir. Bu bolsa, şöhratly taryhymyzyň, şu günümiziň we ýagty geljegimiziň arasyndaky mizemez arabaglanyşygynyň sazlaşykly emele getirilýändigini alamatlandyrýar.

Men Watana bolan beýik söýgä ygrarly, ynsanperwerligi, hoşniýetliligi, dostlugy özlerine hemişelik ýörelge edinen bagtyýar ýaşlarymyzyň berkarar döwletimiziň syýasy, ykdysady, medeni we sport durmuşyna işjeň gatnaşýandyklaryny, ýeňişli başlangyçlaryny doly goldaýaryn, olara buýsanýaryn.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwri kämil ýörelgeleri durmuşa ornaşdyrmagyň, türkmen sportunyň abraýyny hasda belende götermegiň ajaýyp eýýamydyr.

Sporty söýüň!

Sport güýç-gaýratyň, gözelligiň, saglygyň we hyjuwly ýaşamagyň gözbaşydyr!

Sporta söýgi durmuşa söýgüdir!

Myhman boluň Aşgabada!

Binalary ak guw deý

SENAGAT BANK
Ak şäherim
140
ýyl
Aşgabat
1881
2021

TÜRKMEN ALTARY
Aşgabat
140 ýyl

AŞGABAT – HALKARA HYZMATDAŞLYK MERKEZI

Soňky ýyllarda biziň ak mermerli paýtagtymyz hakynda aýdylýan «Parahatçylyk şäheri», «Aziýanyň Ženewasy», «Merkezi Aziýanyň ýüregi» diýen ýaly jümleler her bir türkmenistanlyny buýsandyrýandyr. Aşgabat berilýän şeýle bahalara aňryýany bilen mynasypdyr. Sebäbi paýtagtymyz Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 30 ýyly içinde parahatçylygyň, howpsuzlygyň hem-de durnukly ösüşiň möhüm meseleleriniň çözülýän ýerine öwrüldi.

Şu ýyl özüniň 140 ýyllygyny belleýän Aşgabat özboluşly aýratynlyklary bilen syýasatçylary hem, syýahatçylary hem täsin galdyrýar. Häzirki döwürde mähriban paýtagtymyz köpsanly döwrebap ak mermerli binalary, has oňaýly we otaglarynyň ýerleşişi gowulandyrylan belent ýaşaýyş jaýlarynyň toplumlaryny, täsin köşkleri, ýadygärlikleri, myhmanhanalary, sport toplumlaryny, metjitleri, ýüzlerçe suw çüwdürimli ajaýyp seýilgähleri we seýilbaglary özünde jemleýär. Täze şaýollar tutuş şäheri kesip geçip, paýtagtymyzyň merkezini soňky döwürde düýbünden täze keşbe eýe bolan etrapçalary birleşdirýär.

Bularyň ählisi Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň baş şäheriniň halkara giňişliginde abraýynyň barha artmagyny şertlendirýär, Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan iki gezek ykrar edilen ilkinji Bitarap döwletiň paýtagty hökmünde onuň parahatçylyk dörediji, möhüm ähmiýetli geosyýasy, medeni, ykdysady merkez babatdaky derejesini has-da pugtalandyrýar. Syýasy durnuklylyk, raýat ylalaşyklylygy, ýurduň içinde höküm



sürýän asudalyk, bazar özgertmeleri babatda saýlanyp alnan ugur – bularyň ählisi Aşgabadyň işewürlik merkezi hökmündäki ornunyň hem artmagyna uly täsir edýär.

Biz Garaşsyzlyk ýyllary içinde Aşgabady dünýäniň esasy syýasy merkezleriniň birine öwürmegi başardyk. Şonuň netijesinde paýtagtymyzda sebit we halkara guramalaryň çäklerinde howpsuzlygyň we ösüşiň wajyp meseleleri ara alnyp maslahatlaşylýar, olary durmuşa geçirmegiň usullary we ýollary işlenip taýýarlanylýar. Ak mermerli şäherimiz parahatçylykly gepleşikleriň berk tarapdary hökmünde, tutuş dünýä äşgär boldy. Baryp geçen asyryň 90-njy ýyllarynyň ikinji ýarymynda paýtagtymyzda owganara hem-de täjigara gepleşikleriniň geçirilmegi, bu ýurtlarda jemgyýetçilik-syýasy ýagdaýy parahatçylykly ýol bilen kadalaşdyrmak meseleleriniň ara alnyp maslahatlaşylmagy munuň aýdyň subutnamasydyr.

Hut şol döwürde halkara syçylarynyň, bilermenleriniň, syýasatşynaslarynyň dilinde «Aşgabat – parahatçylygyň şäheri» diýen jümle peýda boldy. 2007-nji ýylyň dekabrynda paýtagtymyzda Birleşen Milletler Guramasynyň Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça Merkezi Aziýa üçin Sebit merkeziniň açylmagy bu jümläniň ähmiýetini has-da berkitdi. Biz 2011-nji ýylyň noýabrynda Aşgabatda Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we beýleki döwletleriň Merkezi Aziýada BMG-niň Ählumumy terrorçylyga garşy göreşmek strategiýasyny durmuşa geçirmek boýunça ýokary derejeli halkara maslahatyny geçirdik. Onuň netijeleri boýunça Jemleýji jarnama hem-de Hereketleriň bilelikdäki meýilnamasy kabul edildi.

BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterrişiň gatnaşmagynda 2017-nji ýylyň iýunynda Aşgabatda geçirilen terrorçylyga garşy göreşmek boýunça ýokary derejeli gepleşikleriň barşynda bu Bilelikdäki meýilnamanyň ileri tutulýan ugurlaryny kesgitledik. 2018-nji ýylyň 30-njy aprelinde paýtagtymyzda geçirilen ýokary derejeli maslahatda bolsa Birleşen Milletler Guramasynyň Ählumumy terrorçylyga garşy göreşmek strategiýasyny amala aşyrmagyň anyk tejribesine garaldy.

Hut Aşgabat BMG-niň Baş Assambleýasynyň 2021-nji ýyly «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak» ýyly diýip ykrar etmeginiň başyny başlady. Galyberse-de, biz 2021-nji ýylda Halka-

ra parahatçylyk we ynanyşmak forumyny geçirmek baradaky başlangyç bilen çykyş etdik. Onuň dünýä bileleşigi tarapyndan goldanylandygyny bellemek isleýärin.

Mälim bolşy ýaly, energiýa serişdeleriniň dünýä bazarlaryna ygtybarly we bökdençsiz iberilmegini üpjün etmek maksady bilen, Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasyna agza döwletlere energetika ulgamynda ählumumy hyzmatdaşlygyň başyny başlamak boýunça giň gerimli resminamany taýýarlamaga içgin girişmegi teklip etdi. Şunuň bilen baglylykda, 2008-nji we 2013-nji ýyllarda BMG-niň Baş Assambleýasy Aşgabadyň başlangyjy bilen «Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň hyzmaty» atly Rezolýusiýalary kabul etdi.

Türkmenistan – Hytaý transmilli gaz geçirijisiniň gurluşygy baradaky başlangyjyň hem Aşgabatda öňe sürlendigini ýatlamak ýakymly. Biz bu başlangyjy 2009-njy ýylda üstünlikli amala aşyrdyk. Häzirki wagtda bolsa Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan (TOPH) gaz geçirijisiniň gurluşygyny hem-de Türkmenistan –Owganystan – Pakistan ugry boýunça elektrik geçirijiniň we optiki-süýümli aragatnaşyk ulgamynyň gurluşygy alnyp barylýar.

Biz ulag-kommunikasiýa ulgamynda hyzmatdaşlyk etmek hem-de ulaglaryň ähli görnüşleriniň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak meselelerine uly üns berýäris. Şunuň bilen baglylykda, biziň ýurdumyz BMG-niň Baş Assambleýasynyň garamagyna degişli Rezolýusiýalaryň üçüsiniň taslamalaryny hödürledi. Şol resminamalar 2014-nji, 2015-nji we 2017-nji ýyllarda biragyzdan kabul edildi. 2016-njy ýylyň noýabrynda bolsa Aşgabatda BMG-niň Durnukly ulag boýunça birinji Ählumumy maslahatyny geçirdik. Şol maslahat Aşgabat beýannamasynyň kabul edilmegi bilen tamamlandy. Onda halkara ulag-üstaşyr düzüminiň durnuklylygyny we ygtybarlylygyny üpjün etmek ýörelgelerinde halkara hyzmatdaşlygyň esasy ugurlary kesgitlenildi.

2018-nji ýylyň maýynda geçirilen «Beýik Ýüpek ýoly – ösüşiň täze belentliklerine tarap» atly halkara forumyň işiniň barşynda hereket edýän ulag geçelgelerini giňeltmek hem-de täzelerini döretmek bilen baglanyşykly meseleler ara alnyp

Ak mermerli paýtagtym

maslahatlaşyldy. Owganystan – Türkmenistan – Azerbaýjan – Gruziýa – Türkiýe (Lapis Lazuli) halkara ulag-üstaşyr geçelgesini döretmek baradaky giň möçberli taslamanyň hem uly ähmiýete eýedigini bellemek isleýärin.

Biz Aşgabatda ençeme gezek Türkmenistanyň dürli halkara düzümlere başlyklyk etmegi bilen baglanyşykly iri çäreleri hem geçirdik. Ýurdumyz 2017 – 2019-njy ýyllarda Araly halas etmegiň Halkara gaznasynda, 2019-njy ýylda bolsa Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynda başlyklyk etdi. Hut şol döwürde, 2018-nji ýylyň aprelinde BMG-niň Baş Assambleýasy «Birleşen Milletler Guramasynyň we Araly halas etmegiň halkara gaznasynyň arasynda hyzmatdaşlyk» atly Rezolýusiýany kabul etdi. GDA-nyň döwlet baştutanlarynyň Geňeşiniň 2019-njy ýylyň 11-nji oktýabrynda Aşgabatda geçirilen mejlisinde bolsa Arkalaşyga agza döwletleriň strategiki ykdysady hyzmatdaşlygy hakyndaky Jarnama kabul edildi.

Türkmenistan 2017-nji ýylda Energetika Hartiýasy boýunça Konferensiýanyň Başlygy bolmak bilen, paýtagtymyzda möhüm ähmiýetli çäreleriň birnäçesini geçirdi. Ýurdumyzyň

BMG-niň Merkezi Aziýanyň ykdysadyýetleri üçin Ýörite maksatnamasynda (SPEKA) başlyklyk etmeginiň çäklerinde bolsa 2019-njy ýylyň noýabrynda Aşgabatda «SPEKA-nyň günleri» geçirildi. Söwdada we ulag ulgamynda bökdençlikleri azaltmak boýunça Aşgabat başlangyjynyň kabul edilmegi bu çäräniň esasy netijesi boldy.

Türkmenistanyň paýtagtynyň ýene-de bir özboluşly aýratynlygy onuň köpugurlylygy bilen baglanyşyklydyr. Munuň özi Aşgabadyň ýurdumyzyň diňe bir syýasy we ykdysady merkezi bolmak bilen çäklenmän, eýsem, taryhy, medeni, bilim, sport babatda hem özüneçekiji merkez bolup durýandygyny alamatlandyrýar.

2017-nji ýylyň sentýabrynda Aşgabatda Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlarynyň geçirilmegi Türkmenistanyň dünýäniň halklarynyň we döwletleriniň özara düşünişmegine hem-de hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak işine saldamly goşandy boldy. Bu halkara ýaryşlaryna Aziýa yklymynyň onlarça ýurdy we Okeaniýa döwletleri, şeýle hem bosgunlaryň olimpiýa topary gatnaşdy. 2018-nji ýylda bolsa paýtagtymyzyň Olimpiýa şäherçesinde Agyr atletika boýunça dünýä çempionaty geçirildi. Şu ýyl bolsa bu ýerde Welotrek boýunça dünýä çempionatyny hem-de Dewisiň kubogyny almak ugrunda tennis boýunça halkara ýaryşlaryň tapgyryny geçireris.

Häzirki wagtda Aşgabat diňe bir özygtyýarlylygyň, milli jebisligiň hem-de ýurdumyzyň täzelenmeginiň nyşany bolmak bilen çäklenmän, eýsem, Aziýanyň ynsanperwer merkezi bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, 2012-nji ýylda paýtagtymyzda «Bosgunlar musulman dünýäsinde» atly birinji Halkara maslahatynyň, 2011 – 2020-nji ýyllar aralygynda bolsa 26 müňe golaý adamyň Türkmenistanyň raýatlygyna kabul edilendigini ýatlasak, ýerlikli bolar. Türkmenistanyň bu tejribesi häzir dünýäniň köp ýurtlarynda, şeýle hem BMG-niň Bosgunlaryň işi boýunça Ýokary komissarynyň müdiriýeti tarapyndan içgin öwrenilýär. Mundan başga-da, dünýäde koronawirus pandemiýasy bilen bagly emele gelen ýagdaýy nazara alyp, Türkmenistan 2021-nji ýylda Aşgabatda täze görnüşli ýokanja garşy

göreşmek meseleleri boýunça lukman alymlaryň Halkara forumyny geçirmegi teklip edýär.

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 25 ýyllygy mynasybetli 2020-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Aşgabatda geçirilen «Bitaraplyk syýasaty we halkara parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmekde onuň ähmiýeti» atly halkara maslahata gatnaşyjylara wideoýüzlenmelerinde BMG-niň, YHG-niň, GDA-nyň, ŞHG-niň, ÝUNESKO-nyň ýerine ýetiriji ýolbaşçylary halkara gepleşikler üçin ygtybarly meýdança hökmünde Aşgabadyň ornunyň barha artýandygyny, Diýarymyzyň ak mermerli paýtagtynyň soňky ýyllarda gazanan uly üstünliklerini beldediler. Munuň özi bolsa, diňe bir ýurdumyzyň paýtagtynyň däl, eýsem, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň halkara giňişliginde abraýynyň barha belende galýandygynyň aýdyň subutnamasydyr.

SPORT MYHMANHANA



BINAGÄRLIGIŇ TÄZE NUSGASY

Gözel paýtagtymyzyň barha rowaçlyklara, uly üstünliklere beslenýän ajaýyp durmuşyna ser salanyňda, berkarar Diýarymyzyň syýasy, ykdysady, medeni, ösüşleri, halkara derejesindäki gazanýan üstünlikleri, jemgyýetimiziň ýokary göterilişiniň, ruhy durmuşynyň belent derejesi, aň-bilim mümkinçilikleri, halkymyzyň bagtyýar ýaşaýşy eşretli durmuşy has aýdyň duýulýar.

Biz paýtagtymyzda ýaýbaňlandyrylan giň möçberli binagärlik-şähergurluşyk maksatnamasynyň durmuşa geçirilmegine we ýurdumyzyň baş şäheriniň gaýtalanmajak keşbiniň döredilmegine aýratyn ähmiýet berýäris. Munuň özi ata-babalarymyzyň gurmak we döretmek ýaly belent maksatlaryny mynasyp dowam etdirýändigimiz, ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny barha pugtalandyrýandygymyz bilen berk baglydyr. Aşgabady mundan beýläk-de ähli görkezijiler boýunça paýtagt şäheriň ýokary derejesine laýyklykda gurmagyň we abadanlaşdyrmagyň meselelerini berk gözegçilikde saklaýarys. Aşgabat bu gün eşretli durmuşyň berkarar edilen belent derejesini, gurmagyň we döretmegiň kämil gurşawyny, onuň çuň many-mazmunyny äşgär edip, ösüşleriň täze belentliklerine çykýar. Şunda milli binagärligiň özboluşlylygyny, dünýä tejribesiniň bu ugurdaky gazananlaryny, mähriban halkymyzyň döredijilikli başarnygyny utgaşdyryp, kämilligi gazanmak öňde goýlan esasy wezipeleriň hatarynda durýar.

Biziň Aşgabady ösdürmek bilen bagly amala aşyrýan işlerimize halkara derejesinde hem ýokary baha berilýär. Meniň bu aýdanlarymy Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyna Aşgabat bilen baglanyşykly rekordlaryň, täsinlikleriň 11-siniň

GUINNESS WORLD RECORDS
CERTIFICATE
The greatest number of fountain pools
in a public place
is 27,
which can be found in
Ashgabat, Turkmenistan,
as certified on
29 June 2008
GUINNESS WORLD RECORDS

GUINNESS WORLD RECORDS
CERTIFICATE
The record for the tallest unsupported flagpole was achieved by the country of Turkmenistan and it was measured in Ashgabat, Turkmenistan on 26 June 2008
GUINNESS WORLD RECORDS LTD



GUINNESS WORLD RECORDS
CERTIFICATE
The largest indoor Ferris wheel measures 47.50 meters (156 ft 2 in) and was built by the government of Turkmenistan in Ashgabat, Turkmenistan and certified on 18 May 2012



Täsinlikleriň şäheri

PROPERTY AWARDS EUROPE
RICS
★★★★★
Best Public Service Architecture
Turkmenistan
Wedding Palace
PROPERTY

BAGT KÖŞGI


BAGT KÖŞGI



GUINNESS WORLD RECORDS
CERTIFICATE
The largest gul is 705 m²
(7,588.56 ft²) and was built
by the Turkmenistan Government
(Turkmenistan)
at Ashgabat International
Airport's main terminal,
in Ashgabat, Turkmenistan,
as measured on 11 September 2016
OFFICIALLY AMAZING

GUINNESS
WORLD RECORDS
CERTIFICATE

Watan biziñ buýsanjymyzdyr!
Gurbanguly
Berdimuhamedow


Jan Watanym, Türkmenistan!
Gurbanguly
Berdimuhamedow

girizilendigi hem şaýatlyk edýändir. Elbetde, ýurdumyz boýunça alanyňda bu san has hem köp. Olaryň ählisi hem halkymyzyň guwanjydyr, buýsanjydyr. Ýöne şu işiň dowamynda diňe paýtagtymyz bilen bagly 11 sany täsinlige aýratyn orun bermegi makul bildim. Olaryň ählisi hem 2000-nji ýyldan soň bu meşhur kitaba girizildi.

Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabynda Aşgabada dahylly hasaba alnan milli gymmatlyklarymyzyň 7-si paýtagtymyzyň şähergurluşygyndaky gazanýan üstünliklerimiz, täze guryan binalarymyzyň özboluşlylygy, täsinligi bilen baglydyr. Olaryň 2-si bolsa halkymyzyň dünýä gymmatlygyna goşan täsin goşandy, ýene-de 2-si bolsa ildeşlerimiziň agzybirligini, jebisligini dabaralandyrýan ýokary başarnygy bilen pugta baglydyr. Bu gazanylýan üstünliklerde mähriban halkymyzyň ruhy we döredijilik kuwwatynyň has aýdyň dabaralanýandygyny bellemek gerek.

Türkmen zenanlarynyň el hünärini, inçe sungatyň ussatlarydygyny äleme ýaýan, paýtagtymyzdaky Haly muzeýinde saklanýan «Altyn asyr» halysy dünýäde elde dokalan iň uly haly hökmünde Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyna girizildi. Maglumatlara üns berseňiz, hakykatdan hem, täsinlik kemi ýokdur. Halynyň her bir inedördül metrinde 304 müňe çenli çitim bar, meýdany 301 inedördül metre, ini 14 metre, boýy 21,2 metre, agramy bir ýarym tonna barabar. Halyçy gelin-gyzlaryň 40-sy tarapyndan 8 aýda dokalyp, halyda 120 million çitim çitilen.

Türkmen halkynyň müňýyllyklardan gözbaş alan gadymy binagärlik däpleri bilen häzirki döwrüň innowasion täzeçilliginiň utgaşmagyndan kemala gelen paýtagtymyzyň binagärlik keşbi örän özboluşlydyr. Halkara howa menzilinin golaýynda ýerleşýän Oguz hanyň adyny göteryän Oguz han suw çüwdürimler toplumy birnäçe suw çüwdürimlerini özünde jemleýän desga hökmünde Ginnesiň bütindünýä rekordlar kitabyna girizildi. Ol türkmeniň agzybirligini we döredijilik ruhuny şöhlelendirýär. Nesilbaşymyz Oguz hanyň we edermen ogullarynyň keşpleri ebedileşdirilen, täsin suw çüwdürimli ýadygärlik toplumy diňe bir täsinligi bilen däl, çuň many-mazmuny bilen hem köpleriň ünsüni çekýänligi aýratyn buýsandyryjydyr.

Arçabil şaýolunyň ugrunda ýerleşip, paýtagtymyza bezeg berýän dünýäniň iň uly baýdak sütüni hem Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabynda hasaba alyndy. Bu gün ýaşyl Tugumyz 133 metr belentlikde ata Watanymyzyň parahat asmanynyň astynda asuda parlaýar. Paýtagtymyzyň gözel künjeginde bina edilen bu baýdak sütünimiz halkymyzyň döwlet berkararlygyny, parahatçylyk söýüjiligini, mizemezligini dabaralandyrýar.

Köpetdagyň eteginde ýerleşýän beýikligi 211 metre barabar bolan «Türkmenistan» teleradioýaýlymlar merkeziniň binasynyň esasyny düzýän Oguz hanyň sekizburçluk ýyldyzy dünýäde iň uly ýyldyzyň şekili hökmünde Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyna girizildi. Munuň özi biziň şöhratly geçmişimize, şanly taryhymyza belent sarpa goýýandygymyzyň hem ýene bir gezek dabaralanmasy boldy.

Arçabil şaýolunyň ugrunda beýikligi 95 metre barabar bolan «Älem» medeni-dynç alyş merkezini gurduk. Ol paýtagtlylaryň iň bir söýgüli ýerine öwrüldi. Onuň dünýäde iň uly üsti ýapyk syn ediş hiňňildik hökmünde rekordlaryň meşhur kitabynda orun almagy ildeşlerimizi diýseň buýsandyrdy.

Paýtagtymyzda binalaryň ýokary hilli edilip gurulmagyny, olaryň ak mermer bilen örtülmegini esasy şertler hökmünde kesgitleýäris. Şol sebäpli halk arasynda «Ak mermerli Aşgabat», «Ak şäherimiz Aşgabat» diýen ýaly jümleler-düşünjeler hemişelik orun aldy. 2013-nji ýylda Aşgabadyň ak mermerli binalaryň iň köpüsiniň bir ýere jemlenen şäheri hökmünde ykrar edilip, Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyna girizilmegini biz yzygiderli we tutanýerli alyp baran işlerimiziň netijesi diýip kabul etdik.

Gelýän myhmanlar üçin şäher bilen tanyşlyk ilkinji nobatda, köplenç, howa menzilinden başlanýar. Biz paýtagtymyzda daşky keşbi, amatlylygy, ýolagçylara edilýän hyzmatyň ýokary hilliligi, ähli amatlyklaryň döredilenligi bilen haýran galdyrýan täze Halkara howa menzilini gurduk. 2016-njy ýylda bu Halkara howa menzilliniň baş binasynyň ýokarsynda ýerleşdirilen haly göli dünýäde iň uly göl hökmünde (705 inedördül metr) Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyna girizildi.



2017-nji ýylda Aşgabatda Olimpiýa şäherçesini ulanmaga berip, Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlaryny ýokary derejede geçirdik. Bu meşhur şäherçe 40-dan gowrak sport binalaryny özüne birleşdirýär. Olimpiýa şäherçesiniň esasy desgalarynyň biri 45 müň tomaşaça niýetlenen Olimpiýa stadionydyr. Bu binany bezeýän ahalteke bedewiniň şekili dünýäde iň uly atyň keşbi diýlip ykrar edildi. Ol Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyna girizildi.

Olimpiýa şäherçesinde ýerleşen Olimpiýa suw-sport toplumynyň sportuň suw görnüşleri merkezi bolsa, dünýäde iň uly üsti ýapyk suwda ýüzüş suw howzy hökmünde Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabynda öz mynasyp ornuny tapdy.

Ýurdumyzda welosiped sportuny ösdürmeklige uly üns berýäris. Biziň bu ugurda geçirýän işlerimiz Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyny düzüjileriň ünsüni çekmegi başardy. Netijede, paýtagtymyzyň «Aşgabat» köpugurly stadionynda geçirilen welosiped sporty boýunça iň köpçülikleýin sapak 2018-nji ýylda Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi. Bu çärä 3 müň 246 adam gatnaşdy, onda welosiped sürmek boýunça okuw sapagy bilen bir hatarda, şäheriň ýol gurşawynda ulagyň bu görnüşiniň ähmiýetini açyp görkezmek bilen bir hatarda, ýol hereketiniň howpsuzlygy we ekologiýa gatnaşyklary boýunça wagyz-nesihat çäreleri hem geçirildi.

Türkmen bedewleri, olaryň aýratynlyklary, meşhurlyklary barada ozal okyjylara hödürlän kitaplarymdaky maglumatlar bilen okyjylar tanyşdyr diýip pikir edýärin. Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumynyň Akhan atly bedewiniň üýtgeşik ukyby ýene bir gezek dünýäni haýran galdyrdy we ahalteke bedewleriniň mümkinçilikleriniň entek hem çäksizdigini ýüze çykardy. Netijede, halkymyzyň guwanjy bolan bu bedewiň täsin ukyby resmi taýdan bellige alyndy – ol çarpaýa galyp, 10 metr aralygy 4,19 sekuntda geçmegi başardy. Onuň bu üstünligi Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyna girizildi.

Häzirki wagtda türkmen topragy gadymy siwilizasiýalaryň dörän mekany hökmünde giňden tanalýar. Türkmenleriň taryhyň dürli döwürlerinde umumadamzat medeni mirasyna, täsin binagärligine uly şäherleri, özboluşly köşkleri, desgalary gurmak bilen mynasyp goşant goşandyklary bireýýäm ykrar edilen hakykat. Şol mukaddes ýörelgeler häzirki wagtda hem mynasyp dowam etdirilip, biziň her birimizi döredijilikli zähmete, beýik işlere ruhlandyrýar, ata Watanymyzyň ösüşlerine bolan ýürek buýsanjymyzy goşalandyrýar.

Paýtagtymyzyň ady bilen bagly täsinlikleriň, rekordlaryň Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabynda ýene-de orun aljakdygyna ynamymyz bize uly güýç berýär.

Seýran etsek, köçeleriňe Aşgabat!

KAMA
SONY
ERG
Ýakymly

Bedew batly Aşgabat

Aprel çäreleri

Aprel çäreleri

Aprel çäreleri

Aprel çäreleri

Aprel çäreleri

Aprel çäreleri

Aprel çäreleri

Aprel çäreleri

Aprel çäreleri

Aprel çäreleri

Sözsoňy

Geljek hakyndaky söhbeti, elbetde, az söz bilen beýan edip bolmaýar. Ýöne şol maksadyňy alamatlandyrmak, ony nähilidir bir duýgyny şekile salmak esasynda beýan etmek welin mümkin. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Aşgabat özüniň hut şeýle keşbine hem eýe boldy. Aşgabada «arzuwlaryň şäheri» diýlende, geljegiň maksatnamalary hakynda hem aýdyp bolar. Häzirki döwürde Aşgabadyň ösüşini diňe onuň şu günki kartasynda anyk görüp bilersiňiz. Ondaky ähli özgerişleri welin birbada aýlanyp, görüp çykmak hem kyn. Indi geçen asyryň togsanynjy ýyllaryndaky Aşgabat bilen häzirki Aşgabadyň arasynda hem juda uly tapawut bar. Öňki çöllük, daglyk we baýyrlyk ýerler hem owadan binalary bilen paýtagtymyzyň çägine girip, şäher bilen sepleşip gitdi. Paýtagtymyzyň ilerisindäki ümürli daglar beýikligi bilen onuň geljegini alamatlandyrýar. Şäheriň demirgazyk, gaýra çetinde döreýän täze şäherçeler we döwrebap şäher gurşawy binagärligiň iň kämil we täze usullaryny özünde utgaşdyrýar. Bir wagtlar suwa tebsirän şol sebitlerde adamlaryň dynç almagyny we ekologiýa abadançylygyny, şeýle-de ykdysady bähbidini hem göz öňünde tutmak bilen, owsun atýan köl döretdik. Bu künjekde hem adamlaryň abadan ýaşap, öz nesillerini imisala öndürip-ösdürmekleri üçin bolsa şäher döredýäris. Watan ogullarynyň öz iline söýgüdir yhlasy şol maksatdan gözbaş almalydyr.

Elbetde, Aşgabat hakynda gürrüň edilip, onuň taryhy ýatlanylmasa, bärden gaýdyldygy bolar. Men taryhy çeşmelerde onuň taryhynyň has irki döwürlerden gaýdýandygy, asyrlaryň jümmüşine aralaşýandygy hakyndaky maglumatlara hem gabat geldim. Hywa taryhçylary Munisiň, Ägehiniň galdyran ýazgylaryndaky, rus barlagçysy Stebniskiniň «Türkmenistan hakyndaky ýazgylar» diýen işinde agzalýan maglumatlar ünsüňi özüne çekýär. Aşgabadyň Parfiýa şadöwletiniň paýtagtynyň edil alkymynda ýerleşendiginden, öz döwründe Nusaý şäheriniň daş-töwereginiň hem gülläp ösendiginden çen tutanyňda, şol maglumatlaryň esaslydygyna ynamyň artýar. Belki, biziň paýtagt şäherimiziň taryhy olaryň agzan döwürlerinden hem aňyrrakdadyr. Taryhy çeşmeleri gözlemek, şäheriň taryhyna degişli takyk maglumatlary toplamak, olary seljermek we subut etmek işlerini men alymlaryň paýyna galdyrýaryn.

Häzirlikçe bolsa biz Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň paýtagt şäheriniň esaslandyrylmagynyň 140 ýyllyk täze döwrüni, täze taryhyny belleýäris. Şäherde taryh üçin uzak bolmadyk döwrüň alamatlary göze görnüp dur. Ýöne, Garaşsyzlyk ýyllarynda, aýratyn hem, Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe gurlan binalar şäheriň keşbine has-da görk goşýar. Olarda bolsa, mähriban okyjy, biziň her birimiziň bilelikde döreden taryhymyz ýazylandyr.

Aşgabady özgerdip, biz onuň diňe bir gözelligiň şäheri däl, eýsem, iň bagtly adamlaryň şäheri, bagtyýar adamlaryň berkarar ýurdunyň paýtagty bolmagy hakynda alada edýäris.

Ýene ýyllar geçer. Aşgabat gözellige dyngysyz ymtylyşy bilen has juwan hem-de owadan bolar. Aşgabat – geljegiň şäheri.

Baky ýaşa, gözel paýtagtymyz!

Beýik taryhymyzyň şaýady bol!

ARÇABIL
SAGLYK YOLY
TÜRKMENBAŞY
MARY
ANDALYP
KÖÇESI
SÖWDA MERKEZI

Geljege uzaýan ýollar

Gujagyň gülden, Aşgabat!

YAŞASYN
BAKY BITARAP
TÜRKMENISTAN!

Nurana ýollar – rowana ýollar

Ösüş arkaly parahatçylyk

Ruhubelentligiň we döredijiligiň merkezi

Watanym Türkmenistan,
Ak şäherim Aşgabat!

MAZMUNY

GIRIŞ 2

AŞGABATDA
AK ARZUWLAR AMALA AŞÝAR 42

GÖWNI AÇYGYŇ – ÝOLY AÇYK..... 58
Ak şäherimiziň nurana ýollary 61
Şäheriň aşagyndaky şäher 83
Suw ähli ýerde hem –
ýaşaýşyň çeşmesi 88
Energiýa üpjünçiligi –
ähli zadyň sakasy 97

AŞGABAT – DÜNÝÄ BINAGÄRLIGINIŇ
MERJENI 110
Oňat ýaşamagyň ilkinji şerti – oňaýly,
döwrebap öýler 113
Röwşen geljegiň binýady 142
Medeni hazynanyň
jemlenen şäheri 161
Saglyk: ýaşaýşyň
amatlylygynyň esasy şerti 186
Sportuň, sagdynlygyň we
ruhubelentligiň şäheri 210
Aşgabat – halkara
hyzmatdaşlyk merkezi 238
Binagärligiň täze nusgasy 256

SÖZSOŇY 286

Gurbanguly
BERDIMUHAMEDOW

AŞGABAT

Jogapkär redaktor W. M. Hramow

Redaktorlar B. Annabaýewa, A. Mammedow
Surat redaktory *P. Pürmyradow*
Teh. redaktor *O. Nurýagdyýewa*
Kompýuter bezegi *M. Ataberdiýewa, B. Saryýew, M. Geldiýew, B. Mämmetgurbanow*

Çap etmäge rugsat edildi .
Ölçegi 66x100 $^{1}/_{8}$. Şertli çap listi . Şertli reňkli ottiski .
Hasap-neşir listi . Çap listi . Sargyt № . Sany .

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.